TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GUŞGURSAK BUGDAÝ HASYLY MÄHRIBAN HALKYMYZYŇ, EZIZ WATANYMYZYŇ BAÝLYGYDYR, SAÇAKLARYMYZYŇ RYSGAL-BEREKEDIDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
19-njy iýun, 2026. Belgisi 25/1695



17-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy hem-de welaýatda dowam edýän galla oragynyň barşy bilen tanyşdy.

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ GALLA ORAGYNYŇ BARŞY BILEN TANYŞDY

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Gäwers» daýhan birleşiginiň bugdaý meýdanyna geldi. Bu ýerde Arkadagly Gahryman Serdarymyzy ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynyň degişli ýolbaşçylary, Ahal welaýatynyň häkimi mähirli garşyladylar.

Şu ýylyň hasyly üçin Ahal welaýatynyň ekerançylyk meýdanlaryna bugdaýyň bol hasyl berýän görnüşleri ekildi. Häzirki wagtda welaýatyň babadaýhanlary hormatly Prezidentimiziň tagallalaryndan ruhlanyp, galla oragy möwsümini üstünlikli tamamlamak üçin yhlasly zähmet çekýärler. Möwsümde häzirki zaman bugdaý orujy kombaýnlar netijeli ulanylýar. Tehnikalar gije-gündizleýin tertipde işledilip, ekerançylara ýetişdirilen bol hasyly çalt we ýitgisiz ýygnamaga ýardam berýär.

Soňra hormatly Prezidentimiz «Gäwers» daýhan birleşiginiň kärendeçisi D.Muhammetsähedowa degişli bolan bugdaý meýdanyna bardy. Bu ýerde kärendeçi döwlet Baştutanymyzy mähirli mübärekläp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Şa gadamynyň düşmeginiň welaýatyň ýaşaýjylary, gallaçy kärendeçileri üçin buýsançly wakadygyny belledi. Ol häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň oba hojalyk pudagyna berýän yzygiderli goldawlary netijesinde gallaçy babadaýhanlaryň ak bugdaýyň bereketli hasylyny ýetişdirýändiklerini aýdyp, döredilýän ajaýyp mümkinçiliklere tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Soňra kärendeçi ýetişdiren bugdaý hasylynyň oragyna başlamaga ak pata bermegini döwlet Baştutanymyzdan uly hormat bilen haýyş etdi.

Hormatly Prezidentimiz kärendeçiniň haýyşy boýunça «bismilla» diýip, daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen bugdaýyň bir dessesini ordy we galla oragyna ak pata berdi. Şol pursatda däne ýygýan kombaýnlar bugdaý hasylyny ormaga girişdiler.

Döwlet Baştutanymyz «Gäwers» daýhan birleşiginiň bugdaý meýdanynda galla oragynyň geçirilişini synlady.

Hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk pudagy üçin satyn alyp berýän bugdaý orujy kombaýnlarynyň enjamlaşdyrylyşy, öndürijilik kuwwaty ýokary halkara standartlara doly laýyk gelýär. Sanly ulgam arkaly dolandyrylýan kombaýnlarda mehanizatorlaryň öndürijilikli işiniň üpjün edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan ähli zerur şertler göz öňünde tutulypdyr. Munuň özi pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň has-da pugtalandyrylmagy ugrunda edilýän yzygiderli tagallalaryň aýdyň netijesidir.

Ýurdumyzda ekerançylykda täze ylmy çemeleşmeleriň ornaşdyrylmagyna uly üns berilýär. Oba hojalyk ekinleriniň täze görnüşleriniň önümçiliginiň ýola goýulmagy ekerançylygy ösdürmegiň strategiýasynyň esasy ugry bolup durýar. Şunda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Ylmy-barlag däneçilik institutynda alnyp barylýan işler, hususan-da, «Serdar», «Arkadag», «Pyragy» diýlip atlandyrylan güýzlük bugdaýyň täze görnüşleriniň döredilendigi bellenilmäge mynasypdyr.

Soňra hormatly Prezidentimiz kärendeçi D.Muhammetsähedow bilen söhbetdeş bolup, onuň iş şertleri, kärende ýerinde ösdürip ýetişdirýän ekinleriniň görnüşleri, galla meýdanlarynyň hasyllylygy bilen gyzyklandy.

Kärendeçi döwlet Baştutanymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň döredip berýän mümkinçilikleriniň netijesinde öndürijilikli zähmet çekmek üçin ähli şertleriň bardygyny aýtdy. Ol 2012-nji ýyldan bäri daýhançylyk bilen meşgullanýandygyny, 28 gektar kärende ýeriniň bardygyny, onuň 14 gektaryna bugdaý ekendigini, bugdaý meýdanynyň her gektaryndan 40 sentnere golaý hasyla garaşýandygyny, bugdaýdan başga-da, 14 gektar ýere gowaça ekendigini aýtdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmek üçin giň gerimli işleriň durmuşa geçirilýändigini, oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna uly üns berilýändigini aýtdy. Daýhanyň bereketli toprakdan bol hasyl almagy ugrunda ähli şertler döredilýär. Daýhanlar kämil tehnikalar, ýokary hilli tohum we dökün bilen yzygiderli üpjün edilýär.

Döwlet Baştutanymyz halal zähmet çekip, ýerden bol hasyl alýan daýhanlara döwletimiziň hemişe goldaw berjekdigini aýdyp, kärendeçileriň ýurdumyzda azyk bolçulygyny berkitmäge uly goşant goşýandyklaryny nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz bu ýerde guralan gök-bakja önümleriniň we miweleriň, däneli ekinleriň görnüşleriniň, çörek hem-de çörek önümleriniň sergisini synlady.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän oba hojalyk özgertmeleriniň, ýurdumyzyň ekerançylarynyň yhlasly zähmetiniň netijesinde, halkymyz azyklyk un we çörek önümleri bilen doly üpjün edilýär. Görkezilýän önümleriň köpdürlüligi oba hojalyk pudagyndaky özgertmeleriň üstünliklere beslenýändigini tassyklaýar. Oba hojalyk önümlerini öndürijiler hem amala aşyrylýan özgertmelere uly goşant goşmak bilen, ak bugdaýyň, gök-bakja önümleriniň, miweleriň, iriýmişleriň bol hasylyny ýetişdirýärler. Bu önümler ýokary hili, ekologik taýdan arassalygy bilen tapawutlanýar.

Soňra bu ýerde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew hormatly Prezidentimize ýurdumyzda galla oragy möwsüminiň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu günler ähli welaýatlarda galla oragy dowam edip, bu möwsümi guramaçylykly geçirmek maksady bilen zerur işler alnyp barylýar. Bu işlerde oba hojalyk tehnikalarynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanylýar.

Döwlet Baştutanymyz galla oragy möwsüminiň guramaçylykly geçirilmeginiň, ýygnalan hasylyň bökdençsiz kabul edilmeginiň, talabalaýyk saklanylmagynyň, ýetişdirilen bugdaý hasylyny gysga wagtda ýitgisiz ýygnap almak üçin döwrebap tehnikalardan netijeli peýdalanmagyň möhümdigini, munuň ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmagyň esasy şertleriniň biri bolup durýandygyny aýdyp, bu ugurda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz kärendeçi D.Muhammetsähedowa sowgatlary gowşurdy.

Kärendeçi Şa serpaýy hem-de daýhanlaryň netijeli zähmet çekmegi ugrunda döredilýän ähli şertler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, yhlasly zähmetini gaýgyrman, Watan harmanyna ak bugdaýyň bol hasylyny tabşyrjakdygyna ynandyrdy hem-de hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, alyp barýan il-ýurt bähbitli asylly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

## ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ YLYM WE DÖWLETLILIK ÝOLY



Häzirki döwürde ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşy taryhy wakalara beslenýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademikligine saýlanylmagy, şeýle hem ykdysady we syýasy ylymlaryň professory alymlyk adynyň berilmegi ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiligini, bütin halkymyzy uly buýsanç we şatlyk duýgusyna gaplady. Bu taryhy waka döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň ylmyny we bilimini ösdürmekde, döwlet dolandyryşynda we ykdysady özgertmeleri amala aşyrmakda bitiren bimöçber hyzmatlarynyň ylmy jemgyýetçilik tarapyndan gadyrlanmagynyň aýdyň subutnamasydyr. 3

## TÜRKMEN-SLOWAK BILELIKDÄKI TOPARYNYŇ BIRINJI MEJLISI GEÇIRILDI

*17-18-nji iýunda paýtagtymyzda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-slowak bilelikdäki toparynyň birinji mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin Slowakiýa Respublikasynyň ykdysadyýet ministriniň orunbasary Wladimir Şimoňyagyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet ýurdumyza geldi.*

Paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda toparyň ýolbaşçylarynyň ikiçäk duşuşygy geçirildi. Onda Aşgabatda meýilleşdirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň Türkmenistanyň hem-de Slowakiýa Respublikasynyň arasynda ykdysady gatnaşyklary täze derejä çykarmakda wajyp ädim boljakdygy nygtaldy. Bellenilişi ýaly, Ýewropa ýurtlary bilen syýasy-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly ykdysadyýet, senagat, oba hojalygy, ulag-logistika, dokma ýaly esasy pudaklarda uly ösüşler gazanylýar. Slowakiýa Respublikasy Ýewropanyň möhüm ykdysady merkezleriniň biri hökmünde Türkmenistan üçin dürli ugurlarda ykdysady mümkinçilikleri açýar.

Soňra Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-slowak bilelikdäki toparynyň birinji mejlisi geçirildi. Oňa toparyň ýolbaşçylary we agzalary gatnaşdylar. Çykyş edenler özara gatnaşyklaryň dostlukly häsiýete eýedigini, deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerine daýanýandygyny aýtdylar. Şunda taraplaryň köpugurly hyzmatdaşlygy, şol sanda söwda, maýa



goýum işi, işewür toparlaryň ugry boýunça gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmäge taýýardyklary tassyklanyldy. Çykyşlarda bilelikdäki toparyň mejlisiniň ilkinji gezek geçirilýändigi, munuň bolsa Türkmenistanyň we Slowakiýanyň özara gatnaşyklary dürli ugurlar boýunça ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini görkezýändigi nygtaldy.

Mejlise gatnaşyjylar söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşyp, ykdysadyýetiň we söwdanyň dürli ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerine seretdiler. Şunda iki döwletiň hojalyk subýektleriniň arasynda ikitaraplaýyn ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de berkidilmegine ýardam berjek bilelikdäki taslamalara garamagyň möhümdigi tassyklanyldy.

Mejlise gatnaşyjylar bu ähmiýetli çäräniň guralmagy babatda döredilen mümkinçilikler üçin Türkmenistanyň we Slowakiýa Respublikasynyň Prezidentlerine tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Soňra Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-slowak bilelikdäki toparynyň birinji mejlisiniň işçi duşuşygy we ikitaraplaýyn duşuşyklar geçirildi. Olara toparyň agzalary, ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Duşuşyklaryň dowamynda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, gurluşyk, ulag, aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalary, oba hojalygy, daşky gurşawy goramak, saglygy goraýyş we lukmançylyk, bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk ulgamlarynda wajyp meselelere garaldy.

18-nji iýunda mejlis öz işini dowam etdi. Onuň jemleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

## TÜRKMENISTAN-MALAÝZIÝA: STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE MÜMKINÇILIKLERI



Türkmenistanyň daşary syýasatynda dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahimiň Türkmenistana amala aşyrýan resmi sapary iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhynda möhüm waka hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Bu sapar diňe bir döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmak bilen çäklenmän, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. 3


**Ýylyň iri ekologiýa forumy**
BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň kömekçi edaralarynyň 64-nji sessiýasy geçirildi. 4



**Dünýäniň iň owadan tohum atlary**
Atlaryň owadanlygy, ýyndamlygy we çydamlylygy barada gürrüň edilende, ilki bilen, türkmen bedewi göz öňünde janlanýar. 5



**Futbol topy barada gyzykly maglumatlar**
Futbol topy diňe bir sport serişdesi bolman, eýsem, asyrlarboýy dowam eden tehnologik ösüşiň we ylmyň netijesidir. 6



**Dünýä Kubogynda 1-nji aýlawyň duşuşyklary tamamlandy** 7



## Täze sepgide ýetdi




Kosmos pudagynda iş alyp barýan «SpaceX» kompaniýasynyň paýnamalary satuwa çykarylandan soňra, bazar gymmaty artyp, 3 trillion dollara golaýlady. Şeýlelikde, kompaniýa bu ugurda «Amazon»-dan hem-de «Microsoft»-dan öňe geçip, dünýäniň dördünji kompaniýasy boldy. Bu ugurda öňdeligi «Nvidia», «Alphabet» hem-de «Apple» eýeleýär.

Emeli aň tehnologiýasy bilen hem gyzyklanýan «SpaceX» bu ugurda kodlama işini alyp barýan «Cursor»-y satyn almak isleýändigini mälim etdi. «Cursor»-a «Anysphere» kompaniýasy eýeçilik edýär. Ylalaşygyň ýylyň ahyryna çenli tamamlanmagyna garaşylýar.

«SpaceX» geçen hepde paýnamalaryny 135 dollardan satuwa hödürläpdi. Bu bolsa, kompaniýanyň gymmatyny görnetin artdyrypdy. Maýadarlaryň uly gyzyklanmasy netijesinde paýnamalaryň bahasy bir günde 19% ýokarlanan bolsa, soňky günlerde hem artyşyny dowam etdirdi.

## Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi




Bütindünýä bankynyň täze ýaýradan maglumatynda global ykdysadyýetiň şu ýyl 2,5% boljakdygy çaklanylýar. Geljek ýyl bu görkeziji 2,8 göterime deň bolar. Ösüp barýan ýurtlar hasaplanýan Hytaý we Hindistanda has köp ykdysady ösüş hasaba alnar. Maglumatda ykdysady ösüşiň nebitiň we döküniň bahasy bilen baglanyşyklydygy bellenildi. Geçen ýyl 3,3% bolan hümmetsizlenme şu ýyl 4 göterime ýeter.

Ösüp barýan ýurtlaryň ortaça ösüşi geçen ýylky 4,4 göterimden bu ýyl 3,6 göterime düşer. Geljek ýyl bolsa, 4,2% ösüş hasaba alnar.

ABŞ-nyň ykdysadyýeti şu ýyl 2,2%, geljek ýyl 2,1% artar. Ýaponiýada 0,7%, Ýewro sebitinde 0,8%, Hytaýda 4,2% ösüş hasaba alnar. Ýakyn Gündogar, Demirgazyk Afrika sebitleri, Owganystan we Pakistan ortaça 1,6% öser. Saud Arabystanynda 3,1% we Birleşen Arap Emirliklerinde 2,4% ösüş hasaba alnar.

## Bahasy 10 trillion dollardan geçdi



Dünýäde «ýaşyl» ykdysadyýetiň bazary şu ýylyň aprel aýynda 10 trillion dollardan geçdi. London biržasy topary (LSEG) tarapyndan ýaýradylan täze maglumata görä, «ýaşyl» ykdysadyýete aýratyn pudak hökmünde baha berlende, ol dünýäniň üçünji iň uly pudagy boldy. Birinji ýeri tehnologiýa, ikinji ýeri senagat pudagy eýeledi. «Ýaşyl» ykdysadyýetiň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, ulag ýaly birnäçe ugurlary öz içine alýandygy bellenildi. Maglumaty taýýarlamak üçin LSEG-e degişli 21 müňden gowrak kompaniýanyň «ýaşyl» girdejileri geçen ýyl 5,3% artypdyr. Bu görkeziji 2022-nji ýyldan bäri iň uly ösüş boldy.

Geçirilen barlaglarda bu ugurda 1,5 milliondan gowrak hyzmatdaşlyk şertnamasyna gol çekilendigi, soňky 10 ýylda bolsa, jemi bahasy 4,1 trillion dollar möçberinde «ýaşyl» hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygy anyklandy. Bu görkeziji agzalýan döwürdäki global hyzmatdaşlyklaryň 13,4 göterimini emele getirýär.

# GALKYNYŞYŇ GÖZBAŞY




Islendik döwürde-de medeniýet, edebiýat, sungat öz döwrüniň gözi, gulagy bolupdyr. Söz hem, saz hem, sungat eserleri hem adamlaryň kalbynda, ruhy dünýäsinde gözellik döredýär, watançylyk, adamkärçilik duýgularyny ösdürýär. Ynsan oglunyň ruhy dünýäsini, şatlyk-begenjini, gaýgy-hasratyny, arzuw-islegini beýan edip bilmek ukyby edebiýat we sungat adamlaryna, umuman, döredijilik işgärlerine berlen beýik paý. Her bir milletiň hem öz içki dünýäsi, daşky görnüşi, tebigaty, taryhy, däp-dessury, durmuşy bar. Öz milletiň milli gymmatlyklaryny, özboluşlylygyny açyp bilmek döredijilik adamy üçin uly bagt. Ene topragyny, ata Watanyny söýüp, göbek gany daman eziz Diýarynyň gözelliklerini çeper sözüň, sazyň ýa-da sungat eserleriniň üsti bilen älem içre ýaýyp bilýän ynsan öz milletini beýgeldýär. Taryhy müňýyllyklara uzaýan türkmen halkynyň edebiýatyny alsaň-da, sungatyny ýa-da medeniýetini alsaň-da, hiç bir halkdan kem ýeri ýok. Şunuň özi hem milletimiziň ruhy baý, kämil halk bolandygyndan habar berýär. Türkmeniň kalbynda watançylyk hem ynsanperwerlik duýgularyny kemala getirip, ony ar-namysly, mert, gaýratly, edermen halk hökmünde dünýä tanadan, gowgaly taryhyň gazaply synaglaryndan we darkaşlaryndan sag-aman alyp çykyp, Garaşsyz, baky Bitarap döwletine eýe eden edebiýaty, sungaty, milli medeniýeti dälmi näme?! Türkmen halkynyň çuň paýhasa, aňyýet kämilligine daýanýan durmuş ýörelgeleri, jemgyýetçilik aňy dünýä ösüşiniň çylşyrymly döwrüniň ýeňil bolmadyk meseleleriniň çözgüdini tapmagyň açary boldy.





Türkmeniň ýoly bolsa, nesilbaşymyz Oguz han atamyzyň döwründen gözbaş alýar. Şol döwürden gaýdýan taryhy ýolda türkmen topragynda her hili ýagdaýlar bolup geçipdir. Türkmenleriň guran döwletleri köp döwürlerde gülläp ösüpdir. Häzirki döwürde-de yklymlarda halkymyzyň ruhy, maddy gymmatlyklary, taryhy bilen bagly ýitmejek yzlary görmek bolýar. Türkmen özüniň «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» ýaly ajaýyp eposlary, elwan röwüşli halk döredijiliginiň dürdäneleri, «Leýli-Mejnun», «Şasenem-Garyp», «Hüýrlukga-Hemra» ýaly ýşky dessanlary, Magtymguly, Kemine, Mollanepes, Seýdi, Zelili, Mätäji ýaly söz ussatlary arkaly päk hem duýguçyl kalbynyň umyt-arzuwyny, köňül telwasyny, ruhy beýikligini, dünýä, durmuşa, ene topraga, adamzada bolan mähir-söýgüsini, ýanbermez watançylygyny älem içre ýaýyp, pähim-paýhasda-da, aň-düşünjede-de hiç bir halkdan pes däldigini subut etdi. Halkymyzyň aýdym-saz, teatr, kino, suratkeşlik sungatynda gazananlarynyň hem dünýä gymmatlyklarynyň hatarynda öz mynasyp orny bar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynyň halkymyzyň beýik taryhy ýoly, milli mirasy, durmuş ýörelgeleri, pelsepe hazynasy bilen pugta sazlaşygy, jemgyýetimiziň täzeçillige, döwrebap ösüşlere gönügen belent maksatlarynyň türkmeniň gadymdan gelýän bitewülik ýoluna daýanmagy türkmen döwletiniň sarsmaz binýatlaryny döretmäge mümkinçilik berdi. Hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzy has-da gülletmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuşyny, hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin alyp barýan belent tutumlary, kabul edýän kanunlarydyr çözgütleri tutuş milletiň kalbyna ýagşylygyň, haýyr-sahawatyň nury bolup çaýylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen beýik ýörelgesini baýdak edinip, Türkmenistan Watanymyzda giň gerimli durmuş-ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady, medeni özgertmeler, saglygy goraýyş ulgamynda gazanylýan üstünlikler ruhuňy göterýär. Döwletimizde her bir raýatyň rahat, erkin ýaşamagy, okamagy, işlemegi üçin dürli ýeňillikleriň, oňyn şertleriň yzygiderli döredilmegi döwlet Baştutanymyzyň halkymyzyň bagtly durmuşy ugrunda gije-gündiz çekýän ýadawsyz zähmetiniň, abyrsyz yhlas-aladalarynyň netijesinde hasyl bolýar.

**Seýýara SAPAROWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň uly mugallymy, uniwersitetiň ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.*

## GÜN URMADAN ÄGÄ BOLUŇ!

Tomus paslynyň yssy günlerinde Gün urma we dürli ýokanç keselleriň ýüze çykmak ähtimallygy artýar. Gün şöhlesiniň ýiti düşýän wagty Günüň aşagynda uzak wagt gezilende, Gün urmagy ýa-da beden derisiniň ýanmagy mümkin. Tomus paslynda çagalaryň kölegede oýnamagyna gözegçilik etmeli. Bu pasylda geýilýän eşikler açyk reňkli, rahat nah matadan dikilen bolmaly. Tomusda howanyň yssylygy sebäpli adam bedeni suwy köp ýitirýär we ýitirilen suwuň öwezini dolmak üçin suwa bolan talaby ýokarlanýar. Arassa agyz suwy ýeterlik içilende immun işjeňligi ýokarlanyp, howa şertleriniň üýtgäp durmagy zerarly ýüze çykýan näsazlyklardan goraýar, bedende kadaly çyglylyk derejesi saklanýar. Suw içmegiň düzgünleri doly we dogry berjaý edilende, suw bedende doly siňýär we bedendäki biologik hadysalaryň üznüksiz işlemegini üpjün edýär. Adam bedeni yzygiderlilikde suw kabul etmese, beden suwsuzlykdan tapdan düşüp başlaýar. Günüň dowamynda 2,5-3 litre golaý suwuklygy, ýagny arassa agyz suwy, miwe şiresini, gaýnatmalary, çaý içmek maslahat berilýär. Sebäbi bedende suw ýetmezçiligi ýüze çykyp, öýjüklerde we damarlarda galyndylar ýygnanyp, ganyň goýalmagyna getirýär. Şol sebäpli hem beden agzalarynyň işi bozulyp, dürli keselleriň ýüze çykmagyna getirýär. Öte köp derlense bedendäki suw deňagramlylygynyň bozulmagy netijesinde ganyň lagtalanmagyna hem-de ýürek-damar ulgamynyň işiniň bozulmagyna getirýär. Netijede, insult, infarkt kesselleriniň ýüze çykmagy mümkin.



Şeýle-de kadaly we sagdyn iýmitlenmegi başarmaly. Ýeňil siňýän, witaminlere, makro-mikroelementlere baý bolan, gök we bakja önümlerini iýmek maslahat berilýär. Tomus paslynda arassaçylyk düzgünlerini doly we dogry berjaý etmeli. Öýden çykylanda, hökman ýanyňa ýeterlik agyz suwuny almaly. Başgapsyz ýa-da saýawansyz gezmek netijesinde Gün urma ýüze çykýar. Gün urmanyň umumy ysgynsyzlyk, güýçli kellagyry, gyzgynyň ýokarlanmagy, ýürek urşunyň çaltlanmagy, göz görejiniň ulalmagy we gaýtarma ýaly alamatlary bar. Şeýle alamatlar ýüze çykan ýagdaýynda,. ilkinji kömek bermegi we «Tiz kömek» gullugyny çagyrmagy unutmaly däl.

Günüň has gyzýan wagty, ýagny günortanlyk açyk howdanlarda, deňizde, ýaplarda suwa düşmekden saklanmaly.

**Nurgözel KÖMEKOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 8-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany.*

## REKORD DEREJEDE YSSY HOWA HASABA ALYNDY

Häzirki wagtda Ýeriň demirgazyk ýarym şarynda tomus pasly dowam edýän bolsa, günorta ýarym şarda gyş pasly höküm sürýär. Adam ýaşamaýan yklymyň golaýyndaky Argentina degişli bolan stansiýalaryň üçüsinde yssy howa hasaba alyndy. Olaryň birinde 6-njy iýun güni 15,4 dereje howa hasaba alyndy. Bu görkeziji mundan ozal 1998-nji ýyldaky görkezijiden 2 dereje ýokarydyr. Üç hepdäniň dowamynda sebitde howa doňmak derejesine (0°C) düşmedi. Niderlandlaryň Groningen uniwersitetiniň ylmy işgäri, professor Raul Kordero sebitde howanyň adaty bolmalysyndan 20 dereje ýokarydygyny belledi. Maglumatlara görä, 1950-nji ýyldan bäri Antarktida ýarym adasynda ortaça temperatura 3 dereje töweregi ýokarlanypdyr.



Bilermenler yssy howanyň täsirini azaltmak üçin dürli ylmy işleri, öňüni alyş çärelerini geçirýärler. Munuň üçin howa goýberilýän ýyladyşhana gazlarynyň möçberiniň azaldylmagy, arassa energiýa çeşmelerinden peýdalanylmagy ähmiýetli bolup durýar. Daşky gurşawy goramak üçin halkara derejesinde tagalla edilýär.

**Bahar HAÝDAROWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## ÝANGYNA GARŞY DÜZGÜNLERI DOLY BERJAÝ EDELIŇ!

Tomus paslynyň yssy günleriniň başlanmagy bilen, öri meýdanlaryň otlary gurap, ýangyn hadysalarynyň ýüze çykmak ähtimallygy döreýär. Ýangyn hadysasy raýatlaryň janyna, saglygyna, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz ýagdaýdyr. Ýangyn hadysasynyň öri meýdanlardaky otlardan başga-da, däneli ekinlere, tokaýlara, sazakdyr çerkezlere zyýan ýetirmegi, hatda olary ýok etmegi-de mümkindir. Şol sebäpli, öri meýdanlarda ýangyn hadysasynyň döremeginiň öňüni almak hem-de ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek zerurdyr. Meýdanlarda ot ýakylanda, seresapsyzlyga ýa-da biperwaýlyga ýol berilmeli däldir. Meýdanda ot ýakylmazdan öň 15 metr daş-töweregi guran ot-çöplerden arassalanmalydyr hem-de ýarym metr çuňlukda gazylan oý ýer taýýarlanyp, oduň daş-töwerege ýaýramazlygyna göz ýetirilenden soň, howanyň şemalsyz wagty ot ýakylmalydyr. Ody ulanyp bolanyňdan soň, gum sürüp ýa-da suw sepip, doly söndürmeli hem-de uçgunyň çykmaýandygyna doly göz ýetirmeli. Meýdanlarda guran ot-çöpleriň üstünden awtoulag sürlende, olaryň tüsseçykarlaryndan uçgunyň çykmagy netijesinde guran otlara uçgunyň düşmegi bilen ýangyn hadysasynyň döremeginiň mümkindigi ýatdan çykarylmaly däldir. Şonuň üçin meýdanlara gidýän awtoulaglaryň tüsseçykarlaryny ygtybarly uçgun söndürijilerdir ilkinji ýangyn söndüriji serişdeler bolan ot söndüriji, keçe, pil, ody urup söndürmek üçin gural bilen üpjün edilmeli. Meýdanlarda guýularyň 500 metr daş-töwereginde ini 4 metrden az bolmadyk iki sany araçäkde sürüm işlerini geçirmeli. Ýangyna garşy araçägiň sürüm zolaklarynyň arasy 30 metr bolup, ondaky guran ot-çöpleri çapyp aýyrmaly. Öri meýdanlarda, demir ýollaryň ýakalarynda ekin meýdanlary ýa-da üzüm agaçlary bar bolan daýhan birleşikleri şolaryň daş-töwereginde ini 10 metrden az bolmadyk ýangyna garşy araçäkde sürüm işlerini geçirmeli. Meýdanlarda ýangyna garşy araçäkler ýakylanda örän seresaply bolmaly. Bu işi diňe howanyň şemalsyz wagty geçirmek maslahat berilýär. Araçägi otlaýjy topary öň ýanyndan, otlanyp barýan araçägiň iki gapdalyndan yzyna öl keçe dakylan traktorlar hereket etmeli. Suw ätiýaçlygy hem-de ýangyn söndüriji serişdeler bilen üpjün edilen awtoulag toparyň yzyndan ýöremeli. Demir, gara ýollaryň ýakalarynda 4 metr inlilikde ýangyna garşy araçäkler sürülmeli.



Öri meýdanlarda dürli işleri amala aşyrýan geologiýa-gözleg ekspedisiýalarynyň wagtlaýyn ýaşaýyş jaýlarynyň 30 metr daş-töweregini guran ot-çöplerden arassalamaly. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalaryň ählisi öri meýdanlarda, çöllerde, daglarda, tokaýlarda islendik işler geçirilende, ýangyna garşy düzgünleri doly berjaý etmäge borçludyrlar.

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäher Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlyk bölüminiň 104-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň Döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

## KOMPÝUTER ÄÝNEK SATUWA ÇYKARYLDY

«Snap» kompaniýasy «Specs» atly göze dakylýan enjamy satuwa çykardy. Kompaniýa 2 müň 195 dollarlyk äýnegiň geljegiň kompýuteri boljakdygyny belleýär. Äýnek hakyky dünýäde hyýaly zatlary görkezip bilýär. Bu bolsa ulanyjylara dürli işleri edenlerinde ýeňillik döredýär. Enjamda oturdylan çipler energiýany aşa derejede tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Apple»-iň «Vision Pro» äýnegi 3 müň 499, «Meta»-nyň «Quest 3» äýnegi 379-799 dollar aralygynda satylýar.




Oýun, okuw, wideo, syýahatçylyk, binagärlik dizaýny ýaly dürli ugurlarda ulanylýan hyýaly hakykat äýnekleri entek o diýen ýaýramady.

## HAS GÜÝÇLI KOSMOS TELESKOPY

ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) «Nancy Grace Roman» atly «Hubble»-dan 100 esse güýçli boljak teleskopy işläp taýýarlaýar. Enjam Ýerden 1,6 million kilometr uzaga iberiler. Bu bolsa, teleskopa kosmosyň has çuň ýerlerine aralaşmaga mümkinçilik berer. Teleskop arkaly ýüz millionlarça ýyldyzyň we milliardlarça galaktikanyň panoramik suraty düşüriler. NASA bu enjam arkaly Gün ulgamyndan has uzaklykda täze planetalary we ýyldyz ulgamlaryny tapmagy maksat edinýär.



Täze teleskop mundan ozalky kosmos teleskoplaryndan has giň we dury şekilleri almaga ukyply bolar. Teleskop arkaly kosmosyň täze kartasy hem taýýarlanar.

Teleskopa 1959-njy ýylda NASA-da işlän hem-de «Hubble»-yň enesi» lakamy bilen tanalýan Nensi Greýs Romanyň ady dakyldy. Şu aýyň ahyrynda teleskop Floridadaky Kennedi kosmos merkezine ugradylar. Ululygy awtobusa barabar bolan enjam 30-njy awgustda kosmosa uçurylar.

1990-njy ýylda uçurylan «Hubble» teleskopy Andromeda galaktikasynyň şekilini 400-den gowrak kadr arkaly surata alan bolsa, «Roman» bu giň aralygy iki gezekde surata düşürer. NASA 2021-nji ýylda Jeýms Webbiň adyny göterýän kosmos teleskopyny uçurypdy.

**Ogultuwak ŞYHYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## 100 MILLION SYÝAHATÇYNY KABUL EDER

Ispaniýa barýan syýahatçylaryň sany artyp, şu ýylyň ahyryna çenli 100 milliona ýetmegine garaşylýar. Häzire çenli dünýäde diňe Fransiýa 100 million syýahatçyny kabul etdi. Ispaniýanyň milli statistika institutynyň (INE) maglumatyna görä, şu ýylyň ilkinji dört aýynda ýurda 26,5 million myhman barypdyr. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 3,4% ýokary bolupdyr. Diňe aprel aýynda 9 milliondan gowrak daşary ýurtly syýahatçy Ispaniýa barypdyr. Birleşen Patyşalyk 1,7 million syýahatçy bilen öňdeligi eýeläpdir. Degişli döwürde Fransiýadan 1,3 million, Germaniýadan 1,2 million syýahatçy Ýewropanyň güneşli ýurduna barypdyr.



Daşary ýurtly syýahatçylaryň bäşden birinden gowragy Kataloniýa barypdyr. Andalusiýa we Walensiýa sebitleri hem syýahatçylaryň has köp barýan ýerleri bolmagynda galýar.

Bilermenler şeýle ýagdaý dowam etse, ýylyň ahyryna çenli ýurda baranlaryň sanynyň 100 milliona ýetjekdigini çaklaýarlar.

**Gurbanmuhammet GYLYÇDURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 19-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118893
Belgisi: 25/1695
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ YLYM WE DÖWLETLILIK ÝOLY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ylmy-barlag işleriniň gerimi giňeldi, ylmy edaralaryň maddy-tehniki binýady pugtalandyryldy, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça netijeli işler alnyp baryldy. Döwlet Baştutanymyzyň başlangyçlary esasynda ylmyň ykdysadyýetiň dürli pudaklary bilen arabaglanyşygy güýçlendirilýär, sanly ykdysadyýeti ösdürmek, innowasion taslamalary durmuşa geçirmek hem-de ylmyň netijelerini önümçilige giňden ornaşdyrmak boýunça möhüm işler amala aşyrylýar.



Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ylmy tejribesine we nazaryýetine goşan goşandy örän uludyr. Häzirki wagtda Türkmenistan diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, ylmy-intellektual taýdan hem dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulýar. Döwlet Baştutanymyzyň baştutanlygynda amala aşyrylýan giň göwrümli özgertmeler taryhy esaslara we öňdebaryjy ylmy tejribelere daýanýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyza ykdysady we syýasy ylymlaryň professory alymlyk adynyň berilmegi aýratyn manymazmuna eýedir. Bu hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň, innowasion tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagyna, makroykdysady durnuklylygyň we halkara hyzmatdaşlygyň berkidilmegine goşan ägirt uly şahsy goşandyna goýlan ýokary hormatdyr.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi diýen ýokary adyň berilmegi, ýurdumyzyň ylmy intelligensiýasynyň ýaş nesil üçin uly görelde mekdebidir. Milli ylmymyzyň täze taryhy tapgyra gadam basýan döwründe, bu waka ähli alymlary, aspirantlary we talyp ýaşlary täze ylmy açyşlara, ýurdumyzyň ykdysady we durmuş ösüşine mynasyp goşant goşmaga ruhlandyrýar.

Hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy milli ylmyň iň esasy merkezi hökmünde ýurdumyzda alnyp barylýan ylmy gözlegleriň utgaşdyrylmagynda möhüm orun eýeleýär. Akademiýanyň agzalygyna saýlanylmak alymyň ylym ulgamyndaky ýokary abraýyny we hyzmatlaryny tassyklaýar.

Ykdysady we syýasy ylymlaryň professory alymlyk adynyň berilmegi hem aýratyn many-mazmuna eýedir. Bu hormatly at döwlet dolandyryşynda ylmy çemeleşmeleriň, ykdysady ösüşiň hem-de syýasy durnuklylygyň arabaglanyşygyny üstünlikli üpjün etmegiň netijesidir. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň häzirki derejesi, halkara abraýynyň barha ýokarlanmagy we halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi döwlet syýasatynyň ylmy taýdan esaslandyrylandygyny aýdyň görkezýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademikligine saýlanylmagy we ykdysady hem-de syýasy ylymlaryň professory alymlyk adynyň berilmegi milli ylmymyzyň, bilim ulgamymyzyň we tutuş ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleriniň nobatdaky beýanydyr. Bu taryhy waka türkmen ylmynyň täze ösüşlerine, innowasion başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegine hem-de Watanymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hatarynda mynasyp orun eýelemegine hyzmat eder.

**Mamajan HAÝTMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# ÝAŞLAR – WATANYMYZYŇ GELJEGINI GURUJYLAR

Häzirki döwürde dünýäniň ösüşi ylym, bilim we innowasiýalar bilen berk baglanyşyklydyr. Islendik döwletiň kuwwaty onuň tebigy baýlyklary bilen birlikde, ilkinji nobatda, bilimli we döredijilikli ýaşlaryna daýanýar. Şonuň üçin hem ylymly ýaşlar Watanymyzyň geljegini gurujylardyr.

Türkmenistanda ýaşlaryň ylymly-bilimli bolup ýetişmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Döwrebap mekdepler, ýokary okuw mekdepleri, ylmy merkezler we sanly bilim ulgamy ýaşlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmaga hyzmat edýär. Döwlet tarapyndan berilýän goldawlar, halkara olimpiadalara we ylmy maslahatlara gatnaşmak üçin döredilýän şertler ýaşlaryň täze üstünliklere ýetmegine itergi berýär.

Ylymly ýaşlaryň esasy aýratynlyklarynyň biri olaryň döredijilikli pikirlenmek ukybydyr. Şeýle ýaşlar ýüze çykýan meseleleriň täzeçil çözgütlerini tapmaga çalyşýarlar. Olar maglumat tehnologiýalary, lukmançylyk, oba hojalygy, energetika we beýleki ugurlarda ylmy açyşlary amala aşyrmak arkaly ýurduň ösüşine goşant goşýarlar.

Däp bolşy ýaly, her ýyl ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça bäsleşik geçirilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda yglan edilen ylmy bäsleşige ýaş alymlaryň we talyplaryň 1 müň 500-den gowragy gatnaşdy. Olar ylmyň, tehnologiýalaryň esasy alty ugry boýunça öz işläp taýýarlamalaryny, ylmy usullaryny, ylmy barlaglaryny hödürlediler. Bäsleşik nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar,





täze materiallary öwrenmek we energetika; biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika; maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary; häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary; innowasion ykdysadyýet; ynsanperwer ylymlar ýaly ugurlar boýunça geçirildi. Bäsleşige gatnaşan ýaşlaryň 170-si ýeňijiler hökmünde saýlanyp alyndy. Ýeňijilere döwlet Baştutanymyzyň adyndan şahadatnamalar we gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Ylymly ýaşlar döwletiň gymmatly baýlygydyr. Olar geljekde ýurdumyzyň ykdysady, ylmy we medeni ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji bolarlar. Şonuň üçin ýaşlaryň ylym-bilim almagyna aýratyn üns bermek, olaryň zehinini açyp görkezmek we döredijilik mümkinçiliklerini giňeltmek Watanymyzyň geljeginiň berk binýadydyr.

Mundan başga-da, ylymly ýaşlar watançylyk ruhunyň berkemegine hem ýardam edýärler. Çünki öz bilimi we zähmeti bilen Watanyň abraýyny halkara derejesinde ýokarlandyrýan ýaşlar jemgyýet üçin görelde bolup hyzmat edýärler. Olaryň gazanýan üstünlikleri beýleki ýaşlary hem täze maksatlara ruhlandyrýar.

**Ogulbilbi ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

# TÜRKMENISTAN-MALAÝZIÝA: STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE MÜMKINÇILIKLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şondan bäri iki ýurt özara hormat goýmak, deňhukuklylyk we birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerine esaslanýan netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Häzirki wagtda iki ýurduň arasynda syýasy dialog yzygiderli ösdürilip, ýokary derejeli duşuşyklar döwletara gatnaşyklaryň ösüşine täze itergi berýär. Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň gerimi ep-esli giňeldi. Esasan hem, energetika pudagynda gazanylan üstünlikler munuň aýdyň subutnamasydyr. Malaýziýanyň öňdebaryjy energetika kompaniýalarynyň biri bolan «Petronas» ýurdumyzyň nebitgaz pudagynda köp ýyllardan bäri üstünlikli iş alyp barýar. Kompaniýanyň amala aşyrýan iri taslamalary diňe bir ykdysady ösüşe däl, eýsem, täze iş orunlarynyň döredilmegine hem goşant goşýar.

Hormatly Prezidentimiziň 2024-nji ýylyň dekabr aýynda Malaýziýa amala aşyran resmi sapary iki ýurduň gatnaşyklarynda täze sahypany açdy. Saparyň dowamynda ýokary derejeli gepleşikler geçirilip, söwda, maýa goýum, energetika, ulag-logistika, sanly ykdysadyýet, bilim we medeniýet ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça möhüm ylalaşyklar gazanyldy. Şeýle-de taraplar halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhümdigini nygtadylar.

Malaýziýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana häzirki sapary şol ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Gepleşikleriň dowamynda energetika, himiýa senagaty, ulag-logistika infrastrukturasyny ösdürmek, maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek ýaly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna garaşylýar. Şeýle hem täze ykdysady başlangyçlaryň öňe sürülmegi we hususy pudaklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi göz öňünde tutulýar.

Ulag we logistika ulgamy hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň biridir. Türkmenistanyň geostrategik



ýerleşişi Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda möhüm üstaşyr geçelge bolup durýar. Malaýziýa bolsa Günorta-Gündogar Aziýanyň ykdysady merkezleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň arasynda logistika we söwda ugurlarynda täze hyzmatdaşlyk mümkinçilikleriniň açylmagy sebitara gatnaşyklary ösdürmäge hyzmat eder. Bilim we medeniýet ugurlary hem döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm bölegini emele getirýär. Häzirki wagtda türkmen ýaşlary Malaýziýanyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar. Bu ýagdaý iki ýurduň halklarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň pugtalanmagyna, medeni alyş-çalşyň giňelmegine we hünärmenleriň täze nesliniň kemala gelmegine ýardam berýär. Malaýziýanyň ykdysady ösüş tejribesi Türkmenistan üçin hem gyzykly bolup durýar. Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak we innowasion pudaklary ösdürmek babatda Malaýziýanyň gazanan üstünlikleri iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň täze ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Halkara derejesinde hem Türkmenistan bilen Malaýziýanyň garaýyşlarynda köp meňzeşlikler bar. Iki ýurt parahatçylygy, durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy goldaýar. Şeýle hem BMG-niň çäklerinde öňe sürülýän başlangyçlaryň birnäçesi boýunça özara goldaw berilýär. Bu bolsa döwletara gatnaşyklaryň ygtybarly binýadyny emele getirýär.

Umuman, Malaýziýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana resmi sapary diňe bir ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşine däl, sebitara hyzmatdaşlygyň giňelmegine hem uly goşant goşar. Saparyň netijeleri iki ýurduň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyryp, ykdysady ösüş, maýa goýum işjeňligi we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açar. Şonuň bilen birlikde, bu sapar Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen netijeli hyzmatdaşlyk alyp barmak syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky aýdyň beýany bolar.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# ŞADYÝAN TOMUS – BAGTYÝAR ÇAGALYK

Tomus – täsin hem sahawatly pasyl. Bu pasyl özüniň çogly Güneşi bilen bize bereketli topragymyzda biten datly miwelerdir gök önümleri eçilýär. Tomus bagtyýar çagalaryň hem özüne mahsus hezilliklere beslenýän döwrüdir. Okuw ýylynyň tamamlanmagy bilen çagalara dynç alyşlaryň, täze täsirleriň, gyzykly pursatlaryň gapysy giňden açylýar. Çagalaryň şadyýan sesleri tomsuň iň owadan sazyna meňzeş. Çünki çaganyň gülküsi dünýäniň päk owazydyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň bezegi, ömrümiziň manysy bolan bagtyýar çagalarymyzyň gülki sesleri bagtyýarlygyň nyşanyna öwrülip, ebedi ýaňlanyp duran ýurdumyz baky bagtyň mekanydyr. Ynha, ömrümiziň gülgunçasy bolan körpeje nesillerimiz üçin hezilligiň, deňiz tolkunlary bilen kowalaşyp oýnamagyň, durnagöz çeşmeleriň başynda, salkyn jülgeleriň jümmüşinde dynç almagyň döwri başlandy. Çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi diňe bir Gökderede ýa-da «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda däl-de, eýsem, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem ýokary derejede guralýar. Çagalar tomus agşamlarynda hezil edip biri-biri bilen ýaryş gurap oýnaýarlar, arassa howada gezelenç edýärler. Şeýlelikde, olara her güni ýakymly täzeliklerden doly tomus pasly ýatdan çykmajak pursatlary bagyşlaýar.

Çagalar – dünýämiziň, durmuşymyzyň bezegi, ýaşaýşymyzyň özeni. Watanymyzda çagalaryň her güni bagta beslenýär. Ýurdumyzda ýaş nesliň bagtyýar durmuşy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Çagalaryň tomusky dynç alyşlaryny ýokary derejede geçirmek ugrunda çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleri, sport meýdançalary, medeni ojaklar ýaş nesliň sagdyn, bilimli we ruhubelent bolup ýetişmegi ugrunda edilýän aladanyň nyşanydyr. Eziz Diýarymyzyň ähli sebitlerinde dünýä derejesine laýyk gelýän häzirki zaman seýilgähler, suw-sport toplumlary ösüp gelýän ýaş nesle hyzmat edýär. Çagalar şeýle ajaýyp mümkinçiliklerden peýdalanyp, döwrebap dynç alýarlar. Ýaş nesiller ýurdumyzyň gözel künjeklerinde ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde öz deň-duşlary bilen wagtlaryny hoş geçirýärler. Çagalar hakyndaky alada türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly ýol-ýörelgesidir. Şeýle asylly ýörelgä esaslanyp, häzirki wagtda olaryň sagdyn ösmeklerine, wagtlaryny peýdaly geçirmeklerine üns berilýär. Çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerindäki dynç alýan çagalaryň sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip, sport bilen meşgullanmaklary, saglyklaryny berkitmekleri üçin ähli amatly şertler döredilen. Dynç alýan çagalaryň arasynda dürli görnüşli sport ýaryşlary, döredijilik we zehin bäsleşikleri yzygiderli geçirilýär. Çagalar her bir oýunda özleriniň başarnyklaryny görkezýärler.





«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň tomus paslynyň ýetip gelmegi bilen, ýurdumyzyň çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi uly şatlyk-şowhuna beslenip dowam edýär. Möwsümiň dowamynda ýaş nesilleri hünärlere ugrukdyrmak we durmuşa taýýarlamak maksady bilen, hünär hem-de aýdym-saz gurnaklary hereket edýär. Çagalaryň daşary ýurt dilleri, kompýuter sowatlylygy boýunça bilimlerini artdyrmak, ýazyjy-şahyrlar, ussat medeniýet we sungat işgärleri bilen duşuşyklary, döwrebap kärhanalara, tebigatymyzyň gözel ýerlerine, muzeýlere, taryhy-medeni ýadygärliklere gezelençlerini guramak işleri hem alnyp barylýar. Çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde dynç almak arkaly täze deň-duş oglan-gyzlar bilen tanyşýarlar, dostlaşýarlar, okuw sapaklaryndan öwrenen hem bilýän zatlaryny paýlaşyp, dünýägaraýyşlaryny giňeldýärler. Şeýle-de pederlerimiziň ündeýşi ýaly, çagalara kiçiliginden zähmet terbiýesi hem berilýär. Türkmen tebigatynyň gaýtalanmajak gözel künjeginde dynç almaklary ýaş nesliň tebigat we daşky gurşaw bilen utgaşykly ösüp-ulalmagy üçin möhüm şert bolup durýar.

«Arzuwlaryň hasyl bolýan mekany» diýip at alan Türkmenistan Watanymyzda ýaş nesliň wagtyny manyly geçirmegi üçin uly alada edilýär. Çagalar hakynda atalyk aladasyny edýän Gahryman Arkadagymyza, ýaş nesiller üçin şeýle uly mümkinçilikleri döredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Oguljennet MOMODOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 103-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.*

## EDEBIÝAT

*Teodor Sýuz Gaýzel: «Näçe köp okasaň, şonça-da köp zady öwrenersiň. Näçe köp öwrenseň, şonça-da köp ýerlere syýahat edersiň».*

# Çikagoda Obama merkezi açyldy

Çikagoda ABŞ-nyň öňki Prezidenti Barak Obamanyň kitaphanany, muzeýi we jemgyýetçilik institutyny öz içine alýan täze Prezident merkeziniň ilkinji tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Bu toplum ýurduň resmi taýdan ykrar edilen 13-nji Prezident kitaphanasydyr.

Täze toplum şäheriň günortasynda ýerleşýän taryhy Jekson seýilgähinde, ýagny, Barak Obamanyň syýasy işine başlan we maşgalasy bilen uzak ýyllaryň dowamynda ýaşan etrabynda bina edildi. Muzeýiň esasy gymmatlyklarynyň biri hökmünde Obamanyň prezidentlik döwründäki «Owal otagynyň» gurluşy doly gaýtadan janlandyryldy. Bu ýerde syýasatçynyň şahsy goşlary, öňki Prezident Jorj Buş kiçiniň galdyran hatynyň nusgasy, şeýle hem öňki birinji hanym Mişel Obamanyň 2008-nji ýyldaky saýlaw gününde geýen lybaslary ýaly eksponatlar ýerleşdirildi.

Prezident merkeziniň binagärlik gurluşynda beýikligi, takmynan, 70 metre ýetýän merkezi diň aýratyn orun tutýar. Bu belent binanyň daş ýüzünde Barak Obamanyň meşhur taryhy çykyşlaryndan alnan sözler haşamlanyp ýazylypdyr.

# «Tagt oýunlary» romanynyň ýubileý neşiri

Dünýä belli ýazyjy Jorj R.R.Martiniň meşhur «Buzuň we oduň aýdymy» fentezi tapgyrynyň başlangyjy bolan «Tagt oýunlary» romanynyň ilkinji gezek çap edilmegine 30 ýyl dolmagy mynasybetli, kitabyň aýratyn gymmatly ýubileý neşiri köpçülige hödürlener. «Folio Society» neşiryaty tarapyndan yglan edilen bu kaşaň kolleksiýa, 14-nji iýuldan başlap diňe 1000 sany çäkli nusgada satuwa çykarylar. Sahypalarynyň gyralaryna sap altyn çaýylan hem-de ýörite dizaýndaky gutularda hödürlenjek bu kitabyň bir nusgasynyň bahasy 2200 amerikan dollaryna deň bolar we her bir nusga awtor Jorj R. R. Martiniň özi tarapyndan gol çekiler.

Taryhy fentezi edebiýatynda uly öwrülişik döreden bu kitabyň daşy hakyky deriden taýýarlanyp, aždarha hamynyň şekili berlen ýörite jilt bilen örtülendir. Ol tyllaýy nagyşlar bilen bezelip, içki dizaýnynda karta üçin gizlin bölümler ýerleşdirilendir.

Jemi 872 sahypadan ybarat boljak çäkli neşiriň şekil bezeglerini meşhur suratkeş Jonatan Býurton ýerine ýetiren bolsa, kitabyň giriş sözüni meşhur fentezi romanlarynyň awtory Jo Aberkrombi ýazdy. Häzirki zaman edebiýat giňişliginde öçmejek yz galdyran we dünýä taryhynda iň köp tomaşa edilen ekran eserleri üçin esas bolan bu romanyň ýubileý sany dünýäniň kitap muşdaklary we kolleksionerleri tarapyndan uly gyzyklanma bilen garaşylýan gymmatlyklaryň biridir.

# HÄZIRKI ZAMAN EDEBIÝATYNYŇ ESASY MEÝILLERI

XXI asyryň edebiýat giňişligine ser salanymyzda, häzirki zaman edebiýatynyň tehnologiýanyň, durmuşyň çalt akymynyň täsiri bilen özüniň gurluşyny, formasyny we mazmunyny düýpli üýtgedýändigini görýäris. Kitap dünýäsi indi diňe bir adaty kagyz sahypalaryndan ybarat bolman, eýsem, sanly giňişlik bilen utgaşýan bütindünýä ulgamyna öwrüldi.

Şu günki edebiýatyň iň uly aýratynlyklarynyň biri-de žanrlaryň arasyndaky serhetleriň ýitip gitmegidir. Häzirki zaman okyjysy diňe bir ugra bagly bolup galmak islemeýär. Şol sebäpli ýazyjylar detektiw, fantastika, taryh we pelsepe ýaly ugurlary birleşdirip, gibrid žanrlary döredýärler. Esasan hem, fantastika bilen söýgi romanynyň garyşmagyndan dörän «Romantasy» žanry ýaşlaryň we uly ýaşly okyjylaryň arasynda uly meşhurlyk gazanyp, neşirýat dünýäsine millionlarça dollar girdeji getirýär.

Bu üýtgeşmeleriň arkasynda duran esasy güýçleriň biri hem jemgyýetçilik torlarydyr. Öňler bir kitabyň meşhur bolmagy üçin edebiýat tankytçylarynyň synlary we uly baýraklar gerek bolan bolsa, şu gün bu güýç okyjylaryň öz eline geçdi. «TikTok» platformasyndaky «BookTok» jemgyýeti bütin dünýäde kitap satuwyny dolandyrýan esasy gurallaryň birine öwrüldi. Birnäçe ýyl öň ýazylan ýa-da adaty bir kitabyň bir günde bestsellere öwrülmegi hut okyjylaryň gysga wideo-synlaryna bagly bolup bilýär.



Häzirki zaman adamynyň iň uly meselesi bolan wagtyň çäklidigi edebiýatda «çalt okalýan» gysga formatlaryň ýüze çykmagyna getirdi. Müňlerçe sahypalyk uzyn romanlaryň ýerini indi bary-ýogy 150-200 sahypalyk, gysga we täsirli kitaplar eýeleýär. Okyjylar bir oturyşda ýa-da birnäçe sagadyň içinde okap gutaryp boljak, ýöne pelsepewi ýüki ýeňil bolmadyk eserlere has köp ýüzlenýärler. Kagyz kitaplar henizem öz gymmatyny saklaýan bolsa, audio-kitap bazary taryhynda iň uly ösüş döwrüni başdan geçirýär. Adamlar indi ýolda barýarka, sport bilen meşgullanýarka ýa-da öý işlerini ýerine ýetirýärkä audio-kitap diňlemegi has amatly görýärler.

Şol bir wagtda dünýä edebiýaty has global häsiýete eýe bolýar. Dünýä okyjylary indi diňe bir Günbatar edebiýatyny däl, eýsem, Aziýanyň, Afrikanyň we Latyn Amerikasynyň ýerli rowaýatlaryny hem-de dürli medeniýetleriň özboluşly eserlerini uly höwes bilen okaýarlar. Terjime edebiýatynyň geriminiň giňemegi bütindünýä edebiýat meýdançasyna täzeçe öwüşgin goşup, ony has-da baýlaşdyrýar. Tehnologik taýdan bolsa, emeli aň gurallary tekst düzetmek, sýužetdäki gapma-garşylyklary seljermek we okyjy köpçüliginiň isleglerini seljermek üçin işjeň ulanylsa-da, edebiýatyň «ynsan ruhy» bilen ýazylmalydygy baradaky garaýyş öz güýjüni saklaýar.

Netijede, häzirki zaman edebiýaty tizlik, sanlylaşma we erkinlik döwrüni başdan geçirýär. Häzirki zaman edebiýaty has gysga formatlara geçýär, audio-kitaplar arkaly sesli görnüşe eýe bolýar, žanrlaryň arasyndaky serhetler ýitýär we iň esasy zat – okyja has-da ýakynlaşýar. Edebiýat hemişe durmuşyň çalt üýtgeýän akymyna we täze talaplaryna uýgunlaşmagy başarýar.

**Aýjeren PUDAKOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň horeografiýa bölüminiň talyby.*

# Iň köp kitaphanaly şäherler

Bütindünýä şäher medeniýetleri forumynyň maglumatlaryna görä, Polşanyň paýtagty Warşawa adam başyna düşýän jemgyýetçilik kitaphanalarynyň sany boýunça dünýäde birinji orny eýeleýär. Häzirki wagtda bu ýerde her 100 müň ýaşaýja 11,98 kitaphana düşýär. Ikinji Jahan urşundan soňra bilim ulgamyny dikeltmek şäher durmuşynda ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde kesgitlenildi. Şol döwürlerde düýbi tutulan giň kitaphana ulgamy häzirki günde-de halkyň sowatlylygyny ýokarlandyrmaga, yzygiderli bilim almagy goldamaga we medeni mirasy gorap saklamaga saldamly goşant goşýar. Warşawanyň döwrebap kitaphanalary diňe bir kitap saklanýan ojaklar bolman, adamlaryň okaýan, dynç alýan we medeni çärelere işjeň gatnaşýan döwrebap jemgyýetçilik giňişliklerine öwrüldi.




Koreýa Respublikasynyň paýtagty Seul şäheriniň jemgyýetçilik kitaphanalary hem doly derejeli medeni merkezler hökmünde çykyş edýär. Diňe 2023-nji ýylda bu medeni ojaklara 22 milliondan gowrak adamyň barandygy hasaba alyndy. Seulyň kitaphana ulgamy ähli ýaşdaky raýatlar üçin niýetlenip, sanly sowatlylyk okuwlaryndan başlap, çagalar üçin niýetlenen okaýyş maksatnamalaryna çenli giň gerimli hyzmatlary hödürleýär we sanly eýýamyň talaplaryna laýyklykda ösmegiň aýdyň nusgasyny görkezýär.

Belgiýanyň paýtagty Brýussel şäheriniň kitaphana ulgamy bolsa ýurduň baý dil dürlüligini özünde jemleýär. Bu ýerde fransuz we niderland dilli jemgyýetler tarapyndan özbaşdak kitaphana ulgamlary goldanylyp, ilata birnäçe dilde edebiýatlar we medeniýetara gatnaşyklary pugtalandyrýan taslamalar hödürlenilýär. Döwrebap tehnologiýalaryň çalt depginler bilen ösýän häzirki döwründe-de jemgyýetçilik kitaphanalary maglumatlara bolan deňhukukly elýeterliligi üpjün etmekde, şäherleriň medeni-bilim durmuşyny ösdürmekde we jemgyýetçilik agzybirligini berkitmekde möhüm orny eýelemegini dowam etdirýärler.

# «Nar deresiniň perileri» romany okyjylara ýetirildi

Eýranly ýazyjy Mehdi Purbelasynyň Azerbaýjanyň baý halk döredijiligine we rowaýatlaryna esaslanyp ýazan «Nar deresiniň perileri» atly täze romany okyjylar köpçüligine hödürlendi. Bu esere häzirki zaman tehnologiýalar asyrynda adamyň tebigatyndaky inçe duýgularyny, durmuşyň gymmatly pursatlaryny we elden giderilen mümkinçiliklerini çeper sözüň üsti bilen açyp görkezýän kämil eserleriň biri hökmünde baha berilýär.



Kitapda baş gahryman Ysmaýylyň gyz doganoglany Safora bolan çagalyk söýgüsiniň üsti arkaly ykbalyň çarkandakly ýollary, aýralyk hasraty we adamyň wagtyň geçmegi bilen kalbynda oýanýan aň-paýhas kämilligi beýan edilýär. Wakalaryň özenini emele getirýän dere bolsa, diňe bir rowaýaty mekan däl, eýsem, gahrymanyň öz-özi bilen ýüzbe-ýüz bolýan, durmuşyň hakykatyna göz ýetirýän ruhy akymyna öwrülýär. Eserde azerbaýjan halkynyň taryhy şahsyýetleri, aşyklary, şeýle hem asyrlar aşyp gelen däp-dessurlary, rowaýatlardaky periler we mifiki gahrymanlar wakalaryň bitewüligini üpjün edýär.

Ýazyjy özüniň täze eserinde ýönekeý, emma täsirli dilden peýdalanyp, durmuşda söýginiň diňe bir gowuşmakdan ybarat däldigini, käwagt şowsuzlygyň we aýralygyň hem ynsany kämilleşdirip biljekdigini subut edýär. Müdimi gymmatlyklara sarpa goýýan «Nar deresiniň perileri» romany okyjyny daş-töweregindäki ynsanlara has ünsli bolmaga we gözden sypyp barýan gymmatly pursatlara baha bermäge çagyrýar.

## Paýhaslar

☑ Üstünlik bagtyň açary däldir. Bagt üstünligiň açarydyr. Eger edýän işiňizi söýseňiz, hökman üstünlik gazanarsyňyz.
***Albert Şweýser.***

☑ Uly işleri başarmak üçin diňe bir hereket etmek däl, eýsem, arzuw etmek, diňe bir meýilleşdirmek däl, ynanmak hem gerekdir.
***Anatol Frans.***

☑ Üstünlik barjak nokadyň däl, şol ýolda nähili adama öwrülýändigiňdir.
***Jim Ron.***

☑ Maksadyňyz öz deň-duşlaryňyzdan ýa-da öňkülerden üstün çykmak bolmasyn. Siz diňe öz-özüňizden üstün çykmaga çalşyň.
***Wilýam Folkner.***

☑ Uly şowsuzlyklardan gorkmaýanlar uly üstünlikleri gazanyp bilerler.
***Robert Kennedi.***

☑ Özgelere höküm etmek güýçlüdigiňi görkezýär, öz-özüňe höküm etmek bolsa hakyky gudratdyr.
***Lao Szy.***

☑ Dünýäde görmek isleýän üýtgeşmäňiziň özi boluň.
***Mahatma Gandi.***

☑ Seni yzygiderli başga birine öwürmäge çalyşýan dünýäde özüň bolup galmak iň uly üstünlikdir.
***Ralf Woldo Emerson.***

☑ Içki parahatçylygy tapmagyň birinji şerti daşarky wakalaryň siziň duýgularyňyzy dolandyrmagyna ýol bermezlikdir.
***Dalaý Lama.***

☑ Ýoluňyzy nähili geçýändigiňiz wajyp däldir, esasy zat durman dowam etmekdir.
***Konfusiý.***

☑ Batyrlyk gorkynyň ýoklugy däl, eýsem, gorkynyň üstünden hökmürowanlykdyr. Gahryman adam diňe batyr däl, eýsem, gorkusyny hem ýeňip bilýändir.
***Nelson Mandela.***

☑ Garaňkylykda bir dostuň bilen ýöremek, ýagtylykda ýeke özüň ýöremekden has gowudyr.
***Helen Keller.***

☑ Ynam bar ýerinde hemişe wepalylyk hem bardyr.
***Seneka.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde



**Milliardlarça dollarlyk maýa goýum.** Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan ABŞ bilen ylalaşylan TRIPP taslamasynyň ýurduň ykdysadyýetine milliardlarça dollarlyk maýa goýum getirjekdigini mälim etdi. Paşinýan ýakyn geljekde ýurtda ýokary maýa goýum işjeňligine garaşylýandygyny aýtdy. Ol maliýe babatda aladanyň ýokdugyny bildirip, taslamanyň serişdeden hem has möhüm ähmiýete eýedigini nygtady.



**Banknotlarynyň dizaýny üýtgeýär.** Angliýanyň Banky kagyz pullardaky taryhy şahsyýetleriň şekillerini ýurduň tebigat we haýwanat dünýäsi bilen çalyşmak barada karar kabul etdi. Geçirilen barlaglar öňki şekilleriň Birleşen Patyşalygyň häzirki medeni köpdürlüligini doly şöhlelendirmeýändigini görkezdi. Milli bank täze dizaýn boýunça ilatyň arasynda, eýýäm, sala salşyk çärelerini ýola goýdy.



**Ýantardaky antik guş ýelegi.** Dünýä ummany muzeýiniň gaznasyna ilkinji gezek içinde gadymy guş ýelegi bolan 40 million ýyllyk seýrek baltika ýantary gowuşdy. Russiýanyň Kaliningrad sebitinde tapylan 13,9 gramlyk bu tebigy nusganyň hakykylygy barlaghanada doly tassyklandy. Hünärmenler bu tapyndynyň Eosen döwrüniň tokaý ekoulgamyny we gadymy guşlaryň görnüşlerini öwrenmäge kömek etjekdigini belleýärler.



**Iň kiçi şäherçe satylýar.** Awstraliýanyň resmi taýdan iň kiçi we bary-ýogy iki ýaşaýjysy bolan Kuladdi şäherçesi 400 müň awstraliýa dollaryna satuwa çykaryldy. Ýaşaýjylaryň göçmegi sebäpli satylýan bu ýeriň täze eýesi myhmanhana, dükana we restorana eýeçilik eder. Geçmişde iri demir ýol çatrygy bolan we 270 adamyň ýaşan bu şäherçesinden geçýän demir ýol ugry 1917-nji ýylda üýtgedilipdir.



**Prżewalskiniň atlary köpeldilýär.** Halkara taslamanyň çäklerinde Gazagystana Çehiýadan Prżewalskiý atlarynyň nobatdaky tapgyry getirildi. Kostanaý welaýatynyň «Altyn Dala» goraghanasyna getirilen ýabany atlar uýgunlaşma döwründen soň tebigata goýberiler.

2029-njy ýyla çenli jemi 40 sany at getirmek meýilleşdirilýär. Taslamanyň maksady XX asyryň ortalarynda ýitip giden atyň bu görnüşini sähra ekoulgamynda täzeden dikeltmekden ybaratdyr.



**Gen terapiýasy synalýar.** «Life Biosciences» kompaniýasy öýjükleriň garramagyny gijikdirmäge gönükdirilen «ER-100» gen terapiýasynyň ilkinji kliniki synaglaryna başlady. Göz kesellerini bejermek üçin niýetlenen bu innowasion usul öýjükleri genetik taýdan üýtgetmezden, olary ýaşartmaga ukyplydyr. Ozal haýwanlarda üstünlikli synag edilen bu taslama häzirki wagtda adamlarda diňe howpsuzlyk barlagyndan geçirilýär.

**Çaga doglușynda 10 ýylyň rekordy.** 2025-nji ýylda Portugaliýada çaga doglușy öňki ýyldan 3 müň 71 çaga köpelip, jemi 87 müň 130-a ýetdi. Bu demografik ösüş, ilkinji nobatda, immigrant eneleriň (28,8%) artmagy bilen şertlendirilip, iň köp dogrum Lissabon we Portu şäherlerinde hasaba alyndy. Şeýle-de ýurtda eneligi gijikdirýän 35 ýaş we ondan uly zenanlaryň paýy 32 göterime ýetdi, operasiýa arkaly dogrumyň paýy bolsa umumy görkezijiniň ýarysyndan gowragyny emele getirdi.



# G7 sammiti öz işini tamamlady

15-17-nji iýunda Fransiýanyň Ewian-le-Ben şäherinde dünýäniň ösen ýedi döwletiniň (G7) Baştutanlarynyň gatnaşmagynda geçirilen 52-nji sammit öz işini tamamlady. «Uly ýedilik» ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa we Kanadany öz içine alýan ykdysady taýdan ösen ýedi ýurduň birleşmesidir. Üç gün dowam eden bu halkara forumda dünýä liderleri tarapyndan global howpsuzlyk, energetika bazarynyň durnuklylygy, emeli aň ulgamy we söwda-ykdysady gatnaşyklar ýaly döwrüň möhüm meseleleri seljerildi. Żenewa kölüniň kenarynda guralan duşuşyk halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we geosyýasy durnuklylygy berkitmekde aýratyn orun eýeledi.




Mejlisleriň barşynda dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmek we söwda-ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmak meselelerine garaldy. Ykdysady hyzmatdaşlygy bökdeýän päsgelçilikleri aradan aýyrmak we halkara söwda ulgamyny kämilleşdirmek boýunça taraplaryň garaýyşlary aýdyňlaşdyryldy. Hususan-da, söwda we maýa goýum ugurlarynda özara bähbitli gatnaşyklary täze sepgitlere çykarmak hem-de durnukly ykdysady ösüşi goldamak ugrunda pikir alşyldy. Şeýle hem dünýäniň energetika howpsuzlygyny kepillendirmek boýunça bilelikdäki çäreleri amala aşyrmagyň ähmiýeti bellendi.

Şeýle hem sammite ilkinji gezek dünýäniň öňdebaryjy emeli aň we tehnologiýa kompaniýalarynyň ýolbaşçylary hem çagyryldy. Bu ugurda halkara howpsuzlyk kadalaryny berjaý etmek, döwrebap sanly tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmak we tehnologik ulgamlaryň eksport gözegçiligini kadalaşdyrmak meseleleri ýörite işewürlik duşuşyklarynyň dowamynda ara alnyp maslahatlaşyldy.

Forumyň çäklerinde döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda birnäçe ikiçäk duşuşyklar guralyp, olarda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Gepleşikleriň netijeleri boýunça bellenilişi ýaly, geçirilen ýokary derejeli duşuşyklar global parahatçylygy, durnukly ösüşi we strategik hyzmatdaşlygy berkitmäge saldamly goşant goşar.

# Tehnologiýada täze hyzmatdaşlyk

14-nji iýunda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron we G7 sammitine gatnaşmak üçin bu ýurda gelen Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi Nissa şäherindäki Sergiler köşgünde açylan «Bharat Innovates» atly hindi innowasiýalarynyň we tehnologiýalarynyň sergisine gatnaşdylar. Hindistanyň Bilim ministrligi tarapyndan ilkinji gezek daşary ýurtda guralýan bu üç günlük çärä energetika, kosmos, saglygy goraýyş we smart-siti ulgamlarynda işleýän 120-ä golaý hindi startap kompaniýalary gatnaşýar. Bu duşuşyk şu ýylyň fewral aýynda Fransiýanyň Baştutanynyň Mumbaý şäherine amala aşyran resmi saparynyň dowamy bolup, ol iki ýurduň arasyndaky innowasiýalar ýylynyň çäklerinde guraldy. Serginiň açylyş dabarasynda çykyş eden Emmanuel Makron Hindistany diňe bir tehnologik autsorsing merkezi däl, eýsem, dünýäde düýpli innowasion modelleri döredýän we möhüm orna eýe bolan döwlet hökmünde häsiýetlendirdi. Şeýle hem ol fransuz tarapynyň emeli aň pudagynda Ýewropa Bileleşiginde öňdebaryjy orny eýeleýändigini we 2023-nji ýyldan bäri Parižde bu ugurda 20 müňe golaý täze iş ornunyň döredilendigini belläp, hindi maýadarlaryny Fransiýa bilen bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge çagyrdy. Öz gezeginde, Nissanyň şäher häkimi Erik Siotti hem bu çäräniň sebitiň halkara hyzmatdaşlygyndaky we dünýä işewürleriniň dialogyndaky ornuny has-da berkidýändigini nygtady.




Sergiden soňra iki ýurduň liderleri Bolýo-Sýur-Mer şäherindäki Kerilos willasynda ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirdiler. Dünýäniň strategik ugurlaryny ara alyp maslahatlaşan fransuz we hindi wekiliýetleri bu duşuşyklardan soňra 15-17-nji iýunda Ewian-le-Ben şäherinde geçirilen Ýokary Sawoýa departamentiniň G7 sammitine gatnaşdylar. Mälim bolşy ýaly, bu ýylky G7 sammitine BRIKS-iň agzasy bolan Hindistan hem resmi taýdan çagyryldy.




# Halkara gymyz festiwaly geçiriler

**11-12-nji iýulda Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde gymyz önümçiligine bagyşlanan «BaiQymyz» atly halkara milli tagamlar festiwaly geçiriler. Paýtagtyň häkimliginiň resmi internet sahypasynyň maglumatyna görä, bu halkara çärä 60-70 müň töweregi adamyň gatnaşmagyna garaşylýar.**

**Halkara derejeli medeni-agrar brende öwrülmegi maksat edinýän bu festiwala Gazagystanyň dürli sebitlerinden, Gyrgyz Respublikasyndan we Russiýa Federasiýasynyň Ýakutiýa sebitinden gymyz öndürijileriň 60-a golaýy gatnaşar.**

**Çäräniň esasy maksady milli iýmitleniş medeniýetini, şol sanda gymyz taýýarlamagyň gadymy däplerini dikeltmekden hem-de ony halkara derejede wagyz etmekden ybaratdyr. Iki gün dowam etjek çärede myhmanlar üçin gymyzyň dürli görnüşlerini dadyp görmek, atlaryň tohum sergisini synlamak we etnomedeni maksatnamalara gatnaşmak mümkinçiligi dörediler.**

# Ýylyň iri ekologiýa forumy

Germaniýanyň Bonn şäherinde BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň (UNFCCC) kömekçi edaralarynyň 64-nji sessiýasy (SB64) öz işini tamamlady. 8-nji iýunda badalga berlen we 18-nji iýuna çenli dowam eden bu halkara forum dünýäniň, takmynan, 190-dan gowrak ýurdundan gelen wekilleriň gatnaşmagynda geçirilen ýylyň iň iri ekologiýa çäreleriniň biri boldy. Şu gezek guralan gepleşikler Braziliýanyň Belem şäherinde geçirilen COP30 maslahatyndan soňky ilkinji uly derejeli duşuşyk boldy.

Dünýä jemgyýetçiliginiň we halkara guramalaryň üns merkezinde duran çäräniň esasy maksady geljekki howa çözgütleriniň esaslaryny işläp taýýarlamakdan hem-de Antalýada (Türkiýe) geçiriljek taraplaryň nobatdaky maslahatyna (COP31) düýpli taýýarlyk görmekden ybarat boldy. Global şertnamanyň çäklerinde howany maliýeleşdirmek, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, gazylyp alynýan ýangyçlardan tapgyrlaýyn ýüz döndermek, durnukly energetika geçişi, ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak, azyk ulgamlaryny özgertmek hem-de Ýeriň ätiýaçlyklaryny netijeli peýdalanmak ýaly ugurlar boýunça 31 sany resmi çäräniň we gepleşikleriň guralmagy meýilleşdirildi hem-de amala aşyryldy.



Maslahatyň dowamynda syýasy wadalary anyk hereketleriň meýilnamalaryna öwürmek we BMG-niň resmi şertnamalaryndan daşary emele gelen täze syýasy başlangyçlary ösdürmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu halkara maslahat dünýäniň ekologiýa howpsuzlygyny durnukly saklamak boýunça möhüm wezipeleri durmuşa geçirmäge gönükdirildi.

# Gündogar Aziýanyň iň beýik agajy

**Alymlar Gündogar Aziýa sebitinde iň beýik hasaplanýan we boýy 84,1 metre (takmynan 27 gatly ýaşaýyş jaýynyň beýikligi) ýetýän ägirt uly agajyň ýerleşýän ýerini anyklamagy başardylar. «Asman gylyjy» atly bu taryhy agaç Taýwan adasynyň gür tokaýlyk we daglyk sebitinde ýerleşip, ol hemişe gök öwüsýän, pürli «Taiwania cryptomerioides» görnüşine degişlidir. Adanyň çylşyrymly daglyk relýefi sebäpli, gözleg işleri, takmynan, 10 ýyla çekdi. Netijede, alymlar tarapyndan sebitdäki beýikligi 65 metrden geçýän 941 sany agajy öz içine alýan «Taýwanyň ägirt agaçlarynyň kartasy» taýýarlandy.**



**Taýwanyň Tokaý hojalygy institutynyň alymlary tarapyndan bu ugurdaky gözlegler ilkinji gezek 2014-nji ýylda başlanyp, ilki bilen beýikligi 69,3 we 72 metre ýetýän agaçlar hasaba alyndy. Gözleg işlerini kämilleşdirmek maksady bilen, ýer üstüni lazer arkaly skanirleýän dünýäniň öňdebaryjy LiDAR ulgamy ulanyldy. Emma adanyň dik gaýaly relýefi sebäpli, enjamlaryň görkezijilerinde 93 göterime çenli näsazlyklar ýüze çykdy. Şol sebäpli, alymlar sanly maglumatlary anyklamak üçin ýüzlerçe meýletinçini we alpinisti gözleg işlerine çekdiler. 2023-nji ýylyň ýanwarynda gözlegler üstünlikli jemlenip, agajyň anyk beýikligi ýörite ölçeg lentalarynyň kömegi bilen resmileşdirildi.**

**Alymlaryň bellemegine görä, bu gadymy we ägirt uly tokaýlyklar özüniň kuwwatly kök hem-de gurluş ulgamy arkaly kömürturşy gazyny uly möçberde siňdirip, diňe bir sebitiň däl, tutuş planetanyň ekologiýa ulgamyny we durnuklylygyny gorap saklamakda uly ähmiýete eýedir.**

# Nebit eksportynda lider boldy

Amerikanyň Birleşen Ştatlary nebit we nebit önümleriniň eksporty boýunça dünýäde yzly-yzyna üç aýlap birinji orny eýeläp gelýär hem-de bu görkeziji boýunça Saud Arabystanyndan we Russiýadan öňe geçip, dünýä bazaryndaky ornuny has-da pugtalandyrdy. Ýük daşamalary yzarlaýan «Vortexa» gullugynyň berýän maglumatlaryna görä, şu ýylyň maý aýynda ABŞ-nyň daşarky bazarlara ugradýan çig nebitiniň we nebit önümleriniň möçberi gije-gündizde 10,5 million barrele ýetdi. Şol bir wagtda Russiýanyň eksporty gije-gündizde 7 million barrele, Saud Arabystanynyňky bolsa 5,9 million barrele çenli peseldi. Synçylaryň belleýşi ýaly, dünýäniň energetika bazaryndaky bu düýpli üýtgeşmeler Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar we bir barreli 92 dollara ýeten nebitiň bahasynyň ýokarlanmagy bilen baglylykda ýüze çykdy.

Hünärmenleriň seljermelerine görä, ABŞ-nyň eksport boýunça dünýä liderine öwrülmegi ýurtda hususy kompaniýalar tarapyndan burawlamak işleriniň ýokary depginde alnyp barylmagy hem-de döwletiň strategik ätiýaçlyklarynyň işe girizilmegi bilen baglydyr. Bellemeli zat, 2015-nji ýylda nebit eksportyna girizilen gadagançylygyň ýatyrylmagyndan bäri bu ýurtda nebit önümçiligi tas üç esse artyp, gündelik 22 million barrele ýetdi. Bu bolsa amerikan energetika bazaryna OPEK ýaly halkara korporasiýalaryň bellenen çäklendirmelerine däl-de, birbada bazar nyrhlaryna görä düýpli çäreleri görmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda dünýäniň esasy sebitleri bolan Ýewropa we Aziýa öz energetika zerurlyklaryny üpjün etmekde Ýakyn Gündogaryň çig malynyň ornuny amerikan nebiti bilen işjeň doldurýarlar. Maglumatlara görä, Ýewropanyň ABŞ-nyň umumy eksportyndaky paýy 47 göterime, Aziýanyňky bolsa 46 göterime ýetdi. Bu bolsa öz gezeginde, ozal daşary ýurt çig malyna garaşly bolan Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna dünýäniň energetika geosyýasatynda täze we uly täsir ediş gurallaryny berýär. Täze şertlerde Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary amerikan energetika kompaniýalaryna döräp biljek täze garaşlylyk barada belli bir derejede alada bildirseler-de, Waşington bu ýagdaýa özüniň geosyasy we ykdysady artykmaçlygy hökmünde baha berýär.





# Dünýäniň iň beýik ybadathanasy

**Golaýda Barselona şäherinde Sagrada Familiýa ybadathanasynyň täzeden gurlan we iň beýik bölegi bolan Isa Mesih diňiniň dabaraly açylyşy boldy. Beýikligi 172,5 metre barabar bolan bu desga Rim Papasy Lew XIV tarapyndan mukaddesleşdirildi we Sagrada Familiýa resmi taýdan dünýäniň iň belent ybadathanasy diýlip ykrar edildi. Taryhy dabara Ispaniýanyň Patyşasy Filipp VI, Şa zenany Letisiýa we Premýer-ministr Pedro Sançes ýaly ýokary derejeli resmi myhmanlar, şeýle hem dünýäniň dürli künjeklerinden gelen 120 müňe golaý tomaşaçy gatnaşdy.**

**Giň gerimli medeni çäreleriň çäginde geçen bu dabara dron görkezilişleri, ägirt uly yşyk şoulary hem-de feýerwerkler bilen utgaşdy. Ýokary derejede geçirilen dabaradan soňra, ybadathananyň daşynda çagalar horunyň ýerine ýetiren aýdymlarynyň owazy astynda täze diňiň depesindäki ägirt uly keramiki haç dabaraly ýagtyldyldy.**

**Häzirki wagtda ybadathananyň binalar toplumynda jemi 18 sany diň bolup, täze gurlan merkezi desga bütin şäheriň binagärlik keşbiniň esasy aýratynlygyna öwrüldi. Taryhy we medeni ähmiýete eýe bolan bu desganyň gurluşygyny geljekki onýyllygyň dowamynda doly tamamlamak meýilleşdirilýär.**

# 1 milliard ýewro maýa goýar

«Peugeot», «Fiat» we «Jeep» ýaly meşhur brendleriniň eýesi bolan «Stellantis» awtokonserni Fransiýanyň gündogaryndaky Mýuluz şäherinde ýerleşýän zawodyna 1 milliard ýewro möçberinde maýa goýjakdygyny mälim etdi. Bu serişde elektrik we gibrid hereketlendirijili «Peugeot» kysymly üç sany täze ulag modelini işläp taýýarlamaga hem-de öndürmäge gönükdiriler. Täze ykjam sedanlaryň we ýolsuz ýerde ýöreýän ulaglaryň önümçiligini 2029-njy ýylda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Bu çözgüt Ýewropanyň awtoulag bazarynda Hytaýyň BYD, «MG Motor» we «Chery» ýaly elektroulag öndürijileriniň bäsdeşliginiň güýçlenýän, şeýle hem ýewropaly öndürijileriň täze tehnologiýalara we elýeterli modellere ünsüni artdyrýan döwrüne gabat geldi. Bu ädim korporasiýanyň geljek 5 ýylda girdejililigini dikeltmäge gönükdirilen 60 milliard ýewro möçberindäki has giň gerimli strategiýasynyň bir bölegidir.




Dünýäniň dördünji iri awtoulag öndürijisi bolan bu kompaniýa häzirki wagtda özüniň esasy brendlerine goldaw bermäge çalşyp, önümçilik çykdajylaryny azaltmak we täze modelleri taýýarlamagy çaltlandyrmak maksady bilen «STLA One» atly täze platformany hem tanyşdyrdy. Şonuň bilen birlikde, kompaniýa halkara bazaryndaky ornuny berkitmek we satuw möçberlerini artdyrmak üçin Hytaýyň «Dongfeng» awtoulag kompaniýasy bilen Ýewropada bilelikdäki kärhana döretmek barada ylalaşyk baglaşdy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1974-nji ýylyň 19-njy iýunynda kanadaly inżener Don Beýtmen uçaryň ýere golaýlaşýandygyny duýdurýan enjamy oýlap tapyp, patent arzasyny tabşyrdy. Bu ulgam (GPWS) uçuş howpsuzlygynda uly öwrülişik bolup, müňlerçe adamyň ömrüni halas etdi. Awiasiýanyň taryhyna iň möhüm açyşlaryň biri hökmünde giren bu gural häzirki wagtda dünýäniň ähli ýolagçy uçarlarynda ulanylýar.**






Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.




# WÝETNAMYŇ MILLI SEÝILGÄHI

**Wýetnamyň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähi Hanoý şäheriniň 500 kilometr günortasynda ýerleşýär. 1 müň 233 inedördül kilometr meýdany tutýan bu seýilgähde Truong Son daglaryndan oýulyp emele gelen 300-den gowrak gowak we çukur bar. Seýilgähiň ady «Phong Nha» gowagyndan we «Ke Bang» tokaýyndan gelýär. 2003-nji ýylda «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähi ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.**

**«Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähindäki gowaklar täsin gurluşlary bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. «Phong Nha» gowagyna ýagyş ýagýan möwsümde baryp bolmaýar. Gowaga gezelenç etmegiň iň amatly wagty tomus we güýz aýlary hasaplanýar. «Phong Nha»-dan başga-da, «Son Doong», «Tien Duong», «Tu Lan», «Pygmy», «En» we «Kayaking» ýaly gowaklar seýilgähiň meşhur ýerleri hasaplanýar. Bu gowaklara doly aýlanmak üçin azyndan 4 gün gerek bolýar. Seýilgähde myhmanlar üçin ýörite ýolbeletler bolup, 3-4 günlük syýahatlar guralýar. Gowaklara dyrmaşmaga, ýerasty derýalarda ýüzmäge we käbir ýerinde özbaşdak gezelenç etmäge rugsat berilýär. Gowaklaryň ähli ýeriniň tokaý bilen örtülendigi sebäpli, ýekelikde gezelenç etmek howply hasaplanýar.**



**2009-njy ýylda milli seýilgähiň çäginden «Son Doong» gowagy tapylýança «Phong Nha» dünýädäki iň uly gowak we ýerasty galereýa hökmünde tanalýardy. Uzynlygy 70 kilometre barabar bolan «Phong Nha» gowagynyň içinden ýaz aýlarynda suw akyp geçýändigi sebäpli, bu gowak iň uzyn ýerasty derýa adyny hem göterýär. «Son Doong» gowagynyň beýikligi 152 metre, uzynlygy 9 kilometre ýetýär. 2013-nji ýylda köpçüligiň barmagyna rugsat berlen bu gowaga iki sany deşikden Gün şöhlesi düşýär. Gowagyň düýbünde tokaý bolup, töwereginden ýagyş suwlary akyp geçýär. Gowagyň içinde 90 metr beýiklikde diwara meňzeş gaýa hem bar. «Son Doong» gowagy dünýäniň iň täsin we owadan ýerleriniň biri hasaplanýar.**

**«Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähiniň töwereginde obalar we myhmanlar üçin gurlan «Phong Nha» şäherçesi bar. Tebigaty söýýänler obalarda ýatymlaýyn galyp, öý haýwanlaryny idedýärler. Şaly ekilen meýdanlara aýlanyp, oba durmuşy bilen ýakyndan tanyşýarlar. Syýahatçylar obada horazlaryň sesine oýanyp, Günüň dogşuny hem synlap bilýärler. «Phong Nha» şäherçesinde galmak isleýän syýahatçylar umumyýaşaýyş jaýynda ýa-da derýanyň kenaryndaky myhmanhanalarda bolup, gijeki şüweleňlere gatnaşyp bilýärler. Şäherçede ýerli we Günbatar tagamlaryny taýýarlaýan kiçijik maşgala restoranlary hem bar.**

**Seýilgähde gowaklara toparlaýyn gezelençleri guramak bilen bir hatarda, sport bilen meşgullanýan syýahatçylar üçin ýolsuz ýerde motosikl, welosiped sürmek, Bong Lai jülgesinde welosipedli gezelençler, Çaý derýasynda gaýyk sürmek ýaly çäreler hem guralýar. «Phong Nha-Ke Bang» milli seýilgähine her ýyl 3 million syýahatçy barýar.**

# HINDISTANYŇ GÜLGÜN ŞÄHERI

Her ýyl millionlarça syýahatçyny kabul edýän Jaýpur şäheri dünýäde «Gülgün şäher» ady bilen tanalýar. Rajastan ştatynyň merkezi şäheri bolan Jaýpur 1727-nji ýylda esaslandyrylýar. 1876-njy ýylda Hindistan bilen Beýik Britaniýanyň arasyndaky dostlukly gatnaşygy has-da berkitmek üçin şäherdäki ähli binalar gülgün reňke boýalýar. Şeýlelikde, Jaýpur şäheriniň gülgün öwüşginli täze keşbi emele gelýär. Aslynda, şäheriň gurluşygynda ulanylan çäge daşy hem tebigy ýagdaýda gyzgylt öwüsýär. Ýöne şäheriň gülgün reňke boýalmagy Jaýpuryň ertekilerdäki ýaly has ýagty we täsirli görnüşini emele getirýär. 1877-nji ýylda Hindistanda şäheriň täze keşbini hemişelik saklamak barada taryhy kanun kabul edilýär. Şondan bäri hem Jaýpurdaky ähli binalar gülgün reňkde üýtgewsiz galýar. Hindi medeniýetinde gülgün reňk myhmansöýerligi we myhmany mähirli garşylamagy aňladýar.

Jaýpur Rajastanyň demirgazyk-gündogar böleginde ýerleşýär. Şäher gündogarda we günortada düzlükler, demirgazykda we günbatarda bolsa, dag gerişleri hem-de çöllük bilen gurşalýar. Gülgün şäheriň esasy suw çeşmesi Drawýawati derýasy bolup, şäheri ekerançylyk we içimlik suw bilen üpjün edýär. Ýarym gurak howasy bolan bu şäherde ýygy-ýygydan güýçli ýagyş ýagýar.



Jaýpuryň tutýan meýdany 467 inedördül kilometre barabar bolup, şäherde 3 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Jaýpur şäherine Jaýpur Halkara howa menzili, demir ýol, Jaýpur metrosy we gara ýol arkaly baryp bolýar. Şäheriň iň meşhur ýerleriniň sanawynda Nahargarh galasy, «Raj







Palace» myhmanhanasy, Jaýpur sergi we konwensiýa merkezi (JECC), Albert Hall muzeýi, Hawa-Mahal köşkler toplumy, suwuň içinde gurlan Jal-Mahal köşgi, Amer galasy, Jantar Mantar obserwatoriýasy, Garh Ganeş ybadathanasy we Jaýpur haýwanat bagy öňdeligi eýeleýär. Şäherdäki 19 astronomik guralyň toplumy bolan Jantar Mantar obserwatoriýasy we Amer galasy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen ýadygärliklerdir. Jaýpur şäherinde daş oýmak, heýkeltaraşlyk, zergärçilik, piliň süňkünden dürli zatlary we deriden gap-gaç ýasamak ýaly hünärler örän ösendir. Şäherde kriket iň ýörgünli sport görnüşi bolup, ýerli we halkara derejede kriket oýunlaryny geçirmek üçin 30 müň orunlyk «Sawai Mansingh» stadiony bar.

Hindistanyň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri bolan Jaýpura her ýyl 25 milliondan gowrak ýerli we daşary ýurtly syýahatçylar barýar. Gülgün şäherde sahna sungaty, gurjak teatry, tans sungaty we edebiýat üns berilýän esasy ugurlar bolup, Pil festiwaly, Holi, Diwali ýaly baýramçylyklar hem-de Jaýpur edebiýat festiwaly geçirilýär.

# Kubanyň meşhur KOKO TAKSILERI

Köp ýurtda we şäherlerde beýleki ýerlerde gabat gelmeýän ulag serişdeleri hereket edýär. Mysal üçin, 2 gatly gyzyl awtobuslar Londonyň nyşany hasaplanýan bolsa, Tailand, Hindistan we Şri-Lanka ýaly ýurtlarda «tuk-tuklar» has ýörgünlidir. Adaty bolmadyk ulag görnüşleri syýahatçylygy ösdürmekde, ýollarda ulag dyknyşygyny azaltmakda we ýangyjy tygşytly sarp etmekde uly ähmiýete eýedir. Şeýle täsin ulaglaryň biri hem koko taksileridir.




Sürüjä we iki-üç ýolagça niýetlenen kiçijik ulaglar Kubanyň köçeleriniň bezegi hasaplanýar. Motorikşa meňzeş 3 tigirli ulag, esasan hem, Gawana, Waradero we Trinidad şäherlerinde syýahatçylary gatnatmak üçin ulanylýar. Açyk sary reňkli, ýumurtga şekilli bu ulagyň ruly edil motosikletiňki ýaly bolup, sagatda 30-40 kilometr tizlik bilen hereket edip bilýär. Özara gürrüň edip, açyk howada şäher merkezine aýlanmaga mümkinçilik berýän koko taksileri 1990-njy ýyllaryň ahyrynda



oýlanyp tapylýar. Şäher içine, ýagny gysga aralyga gezelenç etmäge niýetlenen bu ulagy walensiýaly alym we oýlap tapyjy Hose Burgal Mursiano işläp düzýär. Ilkibaşda kiçi we ygtybarsyz görlen sary mototaksiler arzanlygy we münüp-düşmäge oňaýlylygy bilen kubalylaryň arasynda ýörgünli ulag serişdesine öwrülýär. Ulagyň ady «coco» (kokos) sözi bilen baglanyşykly bolup, gabarasy aýna süýüminden ýasalandyr. Sebäbi ulagyň daşky şekili tegelek görnüşde bolup, ýarymyndan kesilen kokosa meňzeýär. Sürüjiniň arkasynda uzyn oturgyjy bolan koko taksisi benzinli skuter hereketlendirijisi bilen işleýär. Oýnawaja meňzeş güýmenje ulagynyň ýükli ýagdaýdaky agramy 300-400 kilograma ýetýär. Adaty taksiler ýaly sary reňkde çykarylýan bu ulagyň arkasy saýawan şekilli bolup, ýolagçylary ýagyşdan we ýelden goraýar. Koko taksileri ýönekeý gurluşy we özboluşly görnüşi bilen şäher medeniýetiniň bir bölegini emele getirýär.

# Dünýäniň iň owadan TOHUM ATLARY

**● AHALTEKE ATY. Atlaryň owadanlygy, ýyndamlygy we çydamlylygy barada gürrüň edilende, ilki bilen, türkmen bedewi göz öňünde janlanýar. Inçeden näzik bedenli we gamyşgulak ahalteke atlary tyllasow ýalpyldawyk tüýi bilen görenleri haýran galdyrýar. Suwsuzlyga çydamly bu tohum aty Köpetdagyň eteginde ösdürilip ýetişdirilipdir. Uzyn göwresi, duýgurlygy, akyllylygy bilen beýleki atlardan tapawutlanýan ahalteke atlary eýesine wepaly bolup, inçeden näzik häsiýeti we gaýtalanmajak gözelligi bilen dünýä atşynaslarynyň ünsüni özüne çekýän arassa ganly at tohumydyr.**



**● ARAP ATY. Günbatar Aziýada ösdürilip ýetişdirilýän iň gadymy at tohumy bolan arap aty özboluşly kelle gurluşy we ýokary galyp duran «horaz guýrugy» bilen tapawutlanýar. Dünýäde iň meşhur at tohumy hökmünde tanalýan arap aty ýyndamlygy we suwsuzlyga çydamlylygy bilen tanalýar. 3 müň 500 ýyl mundan ozal seçilip alnan bu tohum at bir günüň dowamynda 160 kilometrden gowrak aralyga çapyp bilýär. Arap atynyň göwresi inçejik, gözi ullakan bolýar. Bu atyň boýy 145-155 santimetre, agramy 360-450 kilograma ýetýär. Arap aty at çapyşygy ýaryşlarynyň we sergileriň bezegi hasaplanýar.**



**● ANDALUS ATY. Arassa ganly ispan aty hasaplanýan andalus aty Pireneý ýarym adasynda seçilip alnan tohum atlaryň biridir. Başgaça Andalusiýa aty hem diýilýän bu at XV asyrda aýratyn tohum diýlip ykrar edilýär. Taryhda söweş aty hökmünde tanalýan andalus aty dürli reňkde duş gelýär. Ullakan göwresi, uzyn guýrugy we ýaly bilen tapawutlanýan bu atyň iň köp duş gelýän görnüşi çal reňkde bolýar. Ýumşak häsiýetli bu at örän duýgur bolup, adamlara çalt öwrenişýär. Ýewropada we Amerikada ösdürilip ýetişdirilýän andalus aty at çapyşygy ýaryşlarynda we agyr ýük çekmekde tapawutlanýar. Günbataryň hyýaly eserlerinde köp suratlandyrylýan bu tohum aty taryhy filmlerde köp surata düşürýärler. Andalus atynyň boýy 150-160 santimetre, agramy 400-512 kilograma çenli ýetýär. Ispan medeniýetiniň nyşany hasaplanýan andalus atlary 30 ýyldan gowrak ýaşaýar.**



**● KNABSTRUPPER. Daniýada idedilýän owadan atlaryň biri bolan knabstrupper çapuw hem-de sirk aty hökmünde ulanylýar. Gara we goňur tegmilleri bilen tapawutlanýan bu at ak reňkde bolýar. Dünýäniň iň owadan atlarynyň biri hasaplanýan knabstrupperiň boýy 150-160 santimetr aralygynda bolýar. Ýewropada «gar bölejikleri» diýlip atlandyrylýan bu atyň agramy 450-550 kilogram aralygynda bolýar. Ýuwaş häsiýetli alabeder at sirk meýdançalarynda we konkur bäsleşiklerinde öňdäki orunlary eýeleýär. Häzirki wagtda dünýäde knabstrupper atynyň baş sanynyň 2 müň töweregidigi bellenilýär.**



**● FRIZ ATY. Niderlandlaryň demirgazyk welaýaty bolan Frislandda ösdürilip ýetişdirilen friz aty münmek we ýük çekmek üçin ulanylýar. Friz aty gara reňki, uzyn ýaly we guýrugy hem-de aýagyndaky seçekli tüýi bilen meşhurdyr. Gara atyň ortaça beýikligi 152-163 santimetr bolup, agramy 560-650 kilograma ýetýär. Bu tohum aty äpet göwresi we ösen myşsa ulgamy bilen tapawutlanýar. Seçelenip duran uzyn guýrukly, kiçijik gulakly bu atyň kellesi göni bolýar. Friz aty 1600-nji ýyllarda niderland we ispan atlarynyň çaknyşdyrylmagy netijesinde seçilip alynýar. 1900-nji ýyllarda sany azalan bu atlar häzirki wagtda athanalarda we atçylyk toplumlarynda ösdürilip ýetişdirilýär. Maglumatlara görä, friz atlarynyň dünýädäki baş sany 25 müň töweregidir.**



# HALKARA ÝOGA GÜNI

Her ýylyň 21-nji iýunynda Halkara ýoga güni bellenilýär. 2014-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy 21-nji iýunda Demirgazyk ýarym şarda ýylyň iň uzyn gününiň bolup geçýändigi mynasybetli bu senäni yglan edýär. Hindistanyň teklip etmegi bilen bütindünýä baýramçylygyna öwrülen ýoga gününiň bu ýylky temasy «Sagdyn garrylyk üçin ýoga» bolup, tebigat bilen bedeniň arasyndaky sazlaşygy alamatlandyrýar.

Ýoga Hindistanda dörän fiziki, akyl we ruhy maşklar toplumydyr. «Ýoga» sözi sanskrit dilinden gelip çykyp, «beden bilen aňyň goşulmagy, birleşmegi» diýmegi aňladýar. 177 ýurtda bellenilip geçilýän Halkara ýoga gününde ähli ýaşdaky adamlar ruhuňy we bedeniňi rahatlandyryjy maşklar bilen meşgullanýarlar. Ýumşak hereketler we dem alyş maşklary arkaly ýerine ýetirilýän ýoga deňagramlylygy, çeýeligi gowulandyryp, stresi azaltmaga hem-de beýniniň işjeňligini ösdürmäge ýardam edýär.

## ÝOGANYŇ SAGLYGA PEÝDASY

**Çeýeligi we deňagramlylygy gowulandyrýar.** Ýoga maşklarynyň esasy bölegi myşsalaryň dartylmagyny öz içine alýar. Bu bolsa bedeniň çeýeligini we deňagramlylygyny güýçlendirýär. Hünärmenler 65 ýaşdan uly adamlara çeýeligi we deňagramlylygy kadaly ýagdaýda saklamak üçin ýoga bilen meşgullanmagy maslahat berýärler.



**Stresiň we dartgynly ýagdaýyň öňüni almaga ýardam edýär.** ABŞ-da geçirilen barlaglarda uzak wagtlap ýoga bilen meşgullanmagyň stresden we dartgynly ýagdaýdan halas bolmaga ýardam edýändigi ýüze çykaryldy. Meditasiýa we dem alyş maşklaryny yzygiderli ýerine ýetirýän adamlar has şadyýan we şähdaçyk bolýarlar.

**Agyrylary aýyrmaga kömek edýär.** Uzakly gün tehnologik enjamlar bilen işlenilende bogunlarda we myşsalarda agyrylar döreýär. Bu agyrylary ýoga bilen meşgullanmak arkaly aradan aýryp bolýar. Şeýle hem käbir keselden ýa-da döwük-ýenjik şikesinden soňky bejergilerde hem ýoga bilen meşgullanmak maslahat berilýär.

**Ýürek-damar ulgamynyň işini gowulandyrýar.** «Ýoga dem alyş maşky» diýlip atlandyrylýan pranaýama ýogasy kadaly dem almaga ýardam edip, ýürege, beýnä we öýkene barýan kislorod akymyny gowulandyrýar.

**Immuniteti güýçlendirýär.** Stres, dowamly agyrylar we ruhy çökgünlikler bedeni gowşadyp, saglyk bilen bagly dürli nähoşluklara getirip bilýär. Ýoga bu ýagdaýlaryň öňüni alyp, immuniteti güýçlendirmäge goldaw berýär.

**Kadaly uklamaga ýardam edýär.** Ýoga bilen meşgullanýanlar çalt uka gidýärler. Munuň sebäbi ýoganyň adamy ruhy taýdan rahatlandyrýandygy we stresi azaldýandygy bilen düşündirilýär.

Mundan başga-da, ýoga horlanmaga, artykmaç ýagy azaltmaga, böwreküsti mäziň işini kadalaşdyrmaga, gan basyşyny peseltmäge we iýmit siňdirişi ýeňilleşdirmäge ýardam edýär. Hünärmenler hepdede azyndan 2 gün açyk howada ýoga bilen meşgullanmagy maslahat berýärler.

# Ýuwaş ummanyň syrly çöketligi

Dünýäniň iň uly suw giňişligi bolan Ýuwaş ummanynda ençeme asyrlardan bäri alymlary haýran galdyrýan Mariana çöketligi ýerleşýär. Ýer ýüzüniň iň pes nokady hasaplanýan bu çöketlik dünýäniň iň beýik dag gerşi bolan Ewerest dagyny hem gizläp bilýär. Ýagtylygyň ýetmeýän ýeri bolan Mariana çöketligi dünýäniň syrly ýerleriniň biri hasaplanýar. Ýarym Aý şekilli çöketligiň uzynlygy, takmynan, 2 müň 550 kilometre, ini bolsa 69 kilometre barabar. Başgaça «Çallenjer çuňlugy» hem diýilýän bu çöketligiň çuňlugy 10 müň 994 metr töweregi diýlip çaklanylýar.

Mariana çöketligi ilkinji gezek 1875-nji ýylda Beýik Britaniýanyň «HMS Challenger» ylmy-barlag gämisi tarapyndan lot ölçeg usuly arkaly ýüze çykaryldy. Gäminiň ady soňlugy bilen taryhda «Çallenjer çuňlugy» diýlip atlandyryldy. 1960-njy ýylda Žak Pikard bilen Don Uolş çöketlige giren ilkinji adamlar boldular. 2012-nji ýylda režissýor Jeýms Kemeron şol bir syýahaty bir adamlyk suwasty gämide amala aşyrdy. 2019-njy ýylda bolsa Wiktor Weskowo 10 müň 928 metre ýetip, iň çuň aralyga çümmegi başardy.

Mariana çöketliginde suwuň basyşy ýerüsti atmosfera basyşyndan, takmynan, müň esse ýokarydyr. Bu çuňlukda Gün şöhlesi doly ýitip gidýär we suwuň temperaturasy doňmak derejesinden birneme ýokary bolýar. Muňa garamazdan, çöketlikde agyr ýaşaýyş şertlerine uýgunlaşan açyk bedenli balyklar, bir öýjükli organizmler we leňňeç şekilliler ýaşaýar.



# Günbatar Afrikanyň jadyly miwesi

Bu miwäniň esasy aýratynlygy iýeniňden 30-60 minutdan soň ajy we turşy tagamynyň şokolad ýaly süýji duýulmagydyr. Şol sebäpli bu miwe «jadyly miwe» diýlip atlandyrylýar. «Miracle Berry» miwesine ylmy dilde «Synsepalum dulcificum» diýilýär. Çerri pomidora ýa-da igdä meňzeş bu miwe Günbatar Afrikanyň tropik tokaýlarynda ösýär. Miwäniň düzüminde mirakulin atly uglewod zynjyrlary bolan glikoprotein molekulasy bar. Bu molekula diliň tagam duýşuny üýtgedip, turşulygy süýji tagama öwürýär.







Jadyly miwe Günbatar Afrikada ýaşaýan ýoruba halky tarapyndan has irki döwürlerden bäri peýdalanylyp gelinýär. 1725-nji ýylda ýewropaly syýahatçy Şewalýe de Marşe Günbatar Afrikada syýahat edip ýören wagty ýerli ilatyň gyrymsy agaçdan gyzyl miwäni ýygnap, nahardan öň çeýneýändigini görýär. Muňa geň galan Marşe miwäni dadyp görýär we Ýewropa alyp gaýdýar. Şondan soňra köpçülige mälim edilen jadyly miwe azyk we derman serişdelerini öndürmekde peýdalanylyp başlanýar. Kiçijik gyzyl miwäniň kofe dänesiniň ululygynda ýekeje çigidi bolýar. Jadyly miweden kokteýl, dürli içgiler, sirke we işdäaçarlara goşulýan turşulyklar taýýarlanylýar.

Jadyly miwe boýy 4,5 metre çenli ýetýän ownuk we gür ýaprakly gyrymsy agaçda bitýär. Ak reňkde gül açýan bu agajyň miwesi 2 santimetr ululygynda bolup, baldagynyň ujunda topbak-topbak görnüşde hasyl getirýär. Gurakçylyga we Gün şöhlesine çydamly bu agaç tropik gurşawda ösýär.

# Gaýradan gelýän alaň dek, gözleri şa peleň dek...



Tebigatyň ökde böküjileri we uçujylary hasaplanýan çekirtgeler gumak ýerlerde, ot-çöpli meýdanlarda hem-de bagyklarda duş gelýär. Agşamlaryna aýagyny ganatyna sürtüp özboluşly owaz çykarýan bu möjejikler dikuçarlary ýasamakda nusga alnan jandarlaryň biridir. Çekirtgeleriň iň geň galdyryjy aýratynlygynyň biri olaryň eşidiş agzasynyň kellesinde däl-de, garnynyň iki gapdalynda, ýagny yzky aýagynyň arkasynda ýerleşmegidir. Çekirtgeler öz bedeniniň uzynlygyndan 20 esse uzaga we beýige böküp bilýärler. Munuň syry 6 aýakly möjejigiň yzky aýagynda pružin ýaly kertikli bölegiň bolmagydyr.

Dünýäde çekirtgäniň 11 müňden gowrak görnüşi duş gelýär. Çekirtgeleriň ösümlikler bilen iýmitlenýän we mör-möjek iýýän iki görnüşi bar. Iki sany ullakan gözi bolan bu möjejigiň maňlaýynda antennasy we 3 sany kiçijik gözi bolýar. Çekirtgäniň iň ýaýran görnüşi «*Acrididae*» bolup, gysga murty bilen tapawutlanýar. Gündizine işjeň bolýan bu çekirtgäniň ýaşyl we goňur reňkli iki görnüşi duş gelýär. Çekirtgäniň süri bolup ýaşaýan görnüşi «*Locust*» diýlip atlandyrylýar. Sary we goňur reňkdäki bu çekirtgeler öňünden çykan ähli ösümligi iýýärler. Çekirtgäniň ýene bir görnüşi uzyn murtly (*Tettigoniidae*) bolup, agşamlaryna aýdym aýtmagy bilen tapawutlanýar. Ýapraga meňzeş bu çekirtgeler gijesine has işjeň bolýarlar. Bulardan başga-da, bökýän möjejigiň ýeriň astynda ýaşaýan görnüşi (*Gryllotalpa/Mole crickets*), ägirt uly Weta çekirtgesi (*Giant Weta*) ýaly görnüşleri bar.

Arheologik tapyndylarda çekirtgeleriň has irki döwürlerde, takmynan, 250 million ýyl ozal hem bardygy ýüze çykaryldy. Adaty çekirtgeler ýeke ýaşaýarlar. Ýöne käbir ýagdaýda, gurakçylyk we azyk ýetmezçiligi sebäpli çekirtgeler bir ýere ýygnanyp, uly sürini emele getirýärler. Bir süri çekirtge milliardlarça möjejikden ybarat bolup, bir günde 100-150 kilometr aralyga uçup gidip bilýärler. Çekirtgeler görnüşine we ýaşaýan ýerine baglylykda 3-5 aýdan 1 ýyla çenli ýaşap bilýärler. Ekin meýdanlary üçin zyýankeş hasaplanýandygyna garamazdan, tebigatda möhüm ekoulgamy emele getirýän bu jandarlar guşlar we süýrenijiler üçin esasy iýmit çeşmesi bolup hyzmat edýär. Çekirtgeler dünýäniň iň sowuk künjegi bolan Antarktidadan başga ähli ýerde duş gelýär.

# Futbol topy barada GYZYKLY MAGLUMATLAR

**Futbol topy diňe bir sport serişdesi bolman, eýsem, asyrlarboýy dowam eden tehnologik ösüşiň we ylmyň netijesidir. Gazetimiziň şu sanynda futbol topy barada gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**




- Maglumatlara görä, miladydan öňki döwürde hytaýlylar topy deriden ýasan bolsalar, Amerikada ýerli ýaşaýjylar (indeý) ilkinji bolup kauçukdan ýasalan toplary oýnapdyrlar.
- Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat et-türk» eserinde türki halklaryň «tepük» atly futbola meňzeş top oýnuny oýnandyklary barada maglumat berilýär. Bu oýunda topa el degirmän, diňe aýak we kelle bilen urup, pökgini garşydaşyň çäginden geçirmeli bolupdyr.
- 1855-nji ýylda amerikan oýlap tapyjysy Çarlz Gudir çişirilýän kauçuk futbol topuny oýlap tapýar.
- 1862-nji ýylda iňlis oýlap tapyjysy Riçard Lindon ýel berilýän rezin haltajygy oýlap tapýar. Topuň daşky gatlagynyň (daşlyk) içine geýdirilip, ýel berilýän rezin halta topuň uzak wagtlap togalak görnüşde saklanmagyny üpjün edipdir.
- Futbol boýunça 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilen ilkinji Dünýä çempionatynda «T-model» ady bilen tanalýan bagjykly toplar oýnalýar.
- Häzirki wagtda futbol topy diýlende, 32 bölek (20 sany altyburçluk, 12 sany bäşburçluk) ak-gara top göz öňümize gelýär. «Telstar» diýlip atlandyrylýan bu topy 1970-nji ýylda «Adidas» kompaniýasy Meksikada geçirilen Dünýä çempionaty üçin taýýarlaýar. Şol döwürler telewizoryň ak-gara görkezýändigi we tomaşaçylara topuň has gowy görünmegi üçin futbol topy ak-gara reňkde taýýarlanylýar.
- FIFA-nyň resmi düzgünlerine görä, professional oýunlarda ulanylýan 5-nji ölçegdäki futbol topunyň agramy 410-450 gram aralygynda bolýar.
- Häzirki zaman professional futbol toplary öňküler ýaly sapak bilen elde tikilmeýär. Täze toplaryň bölekleri ýörite ýelim we gyzgynlyk (termobondlaw) arkaly birleşdirilýär. Bu usul topuň suw siňdirmeginiň öňüni alýar we ýagyşly howada-da agramynyň durnukly saklanmagyny üpjün edýär.
- Tehnologiýanyň ösmegi bilen futbol toplary hem sanly ulgama geçirildi. Soňky Dünýä çempionatlarynda ulanylýan toplaryň içine ýörite mikroçip we sensor (IMU) ýerleşdirilýär. Bu sensor sekuntda 500 gezek maglumat durnuklylygyny üpjün edip, topuň tizligini, ugruny we oýunçynyň topa degen pursadyny takyk anyklaýar. Tehnologik toplar eminleriň işini ýeňilleşdirip, ofsaýdlaryň anyk seljerilmegine ýardam edýär.
- «Adidas», «Nike», «Umbro» dünýäde iň köp top öndürýän brendler bolup, her ýyl 200 milliondan gowrak futbol topy öndürilýär. Pakistanyň Sialkot şäheri futbol topunyň öndürilýän paýtagty bolup, 60-70% top şu ýerde öndürilýär.
- Dünýädäki iň uly futbol topy 2013-nji ýylda Katarda Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. «LuLu Hypermarket» söwda merkeziniň awtoduralgasynda oturdylan äpet topuň diametri 12 metrden gowrak bolup, agramy 960 kilograma barabar.

## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Labirint



## Gyzykly pursat



## 21-nji SKANWORD




## 22-nji SKANWORD




## 30-njy KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Oglan ady. **2.** Çozuş, talaň. **3.** Aziýanyň meşhur naharlarynyň biri. **4.** Ýylanyň bir görnüşi. **5.** Müň grama deň bolan agram ölçegi. **6.** Demirgazyk Ýewropada bir döwlet. **7.** Ispan futbol topary «... Madrid». **8.** Tamdyrda bişirilýän, gatlakly we ýagly milli çörek görnüşi. **14.** Görejiň görşüni gowulandyrmak ýa-da gözi ýiti ýagtydan goramak üçin enjam. **15.** Howurly, aşa yssy. **18.** Azap, jepa. **19.** Alaçsyz, çäresiz. **20.** Türkmen gelin-gyzlarynyň tahýasynyň ýa-da gupbasynyň maňlaý bölegine dakylýan gymmatbahaly gadymy şaý-sep. **21.** Metriň ýüzden bir bölegine deň bolan uzynlyk birligi. **25.** Ujy peýkamly uzyn göni çybyk. **26.** Koreýa Respublikasynyň meşhur elektronika markasy. **28.** Ekiz gyzlaryň biri. **29.** Durmuşa çykjak gyzyň eşiklerini tikmek üçin gyz-gelinleriň ýowar şekilli ýygnanyşygy. **31.** Telefon göterilende aýdylýan ilkinji söz. **33.** Käbir ösümligiň miwesi, hasyly we onuň ýekeje dänesi. **34.** Owunjak dänelerinden ýag alynýan bir ýyllyk ösümlik. **35.** Ümlük. **36.** 3,14-e deň bolan matematik hemişelik. **37.** Ýagşyň iň kiçi bölejigi. **38.** Daşary ýurt adam ady. **39.** Öz üstüne alan borçlaryny, beren sözüni ýa-da işini wagtynda, dogry we kämil ýerine ýetirýän adam. **40.** Islendik geometrik şekiliň ähli taraplarynyň uzynlyklarynyň jemi. **44.** Balkan welaýatynda bir şäherçe. **45.** Ýeke tigirli kiçijik araba. **47.** Buglanyp bişirilýän hamyrly naharlaryň biri. **50.** Saz guraly. **51.** Çagajyklar üçin kiçijik külçe ýaly edilip bişirilýän çörek. **52.** Däneli ekin.

**KESELIGINE:** **2.** Geçiniň, keýigiň alty aýlyga çenli çagasy. **5.** Hindi aktýory ... Han. **9.** Oglan ady. **10.** Amerikan derman kärhanasy ... Lilly. **11.** Kömekçi söz. **12.** Ygtyýar, razylyk. **13.** Ýagtylyk şöhlesini döwýän we şekili ulaldýan ýa-da kiçeldýän aýna bölegi. **14.** ...-jahan. **16.** Suwuň doňma nokadyny 32, gaýnama nokadyny bolsa 212 gradus edip belleýän temperatura şkalasy. **17.** Şweýsariýada bir şäher. **22.** Kemçilik, zyýan. **23.** Boý, syrat. **24.** Çeýnemek üçin ulanylýan madda. **27.** Towuklar maşgalasyndan bolan meýdan guşy. **30.** Çärjew etrabynda bir obanyň ady. **32.** Çalaja öwüsýän ýel. **33.** Geçiguşa meňzeş kiçijik guş. **36.** Bakja ekini. **41.** Garagumda bitýän gyrymsy agaç. **42.** Meşhur tortlaryň biri. **43.** Daşary ýurt adam ady. **46.** Saýawanlylar maşgalasyna degişli, dänesinden efir ýagy alynýan ösümlik. **48.** Halkyň dilini, medeniýetini, taryhyny öwrenýän ylym. **49.** Ynsanyň durmuşdan doly razylygyny, iň ýokarky şatlygyny aňladýan duýgy. **53.** Suwda ýaşaýan ýasy çüňkli, gysga aýakly guş. **54.** «... tur-da ataňy gör, atańdan soň – atyňy» (atalar sözi). **55.** Hor däl, semiz. **56.** Wada, kasam. **57.** Papua-Täze Gwineýanyň ýerli halky. **58.** Harby gullukçy. **59.** Hindi ulagy.

20-nji skanwordyň jogaby:



29-njy krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# DÜNÝÄ KUBOGYNDA 1-nji AÝLAWYŇ DUŞUŞYKLARY TAMAMLANDY

## Dünýä Kubogy 2026 – «A» toparça

**MEKSIKA — GÜNORTA AFRIKA: 2–0**

**MEKSIKA (4–3–3):** Raul Ranhel — Reýes, Montes (k), Waskes, Galýardo — Erik Lira (Edson Alwares 76), Fidalgo (Çawes 66), Gutierres (Hilberto Mora 66) — Alwarado, Himenes (Gonzales 76), Kuinýones (Aleks Wega 79); ***Tälimçi:*** Hawier Agirre

**GÜNORTA AFRIKA (5–3–2):** Williams (k) — Okon, Sibisi, Mbokazi, Mudau, Modiba (Apollos 76) — Adams (Zwane 61), Sithole, Mokoena — Foster (Mbata 56), Raýners (Makgopa 76); ***Tälimçi:*** Hugo Bros

**GOL:** Kuinýones 9, Raul Himenes 67

**SARY KART:** Gutierres — Sibisi, Mokoena;

**GYZYL KART:** Montes 90+2 — Sithole 49, Zwane 84

**STADION:** Estadio Azteca (Mehiko Siti)

**TOMAŞAÇY:** 80 824

**EMIN:** Wiltor Sampaoi (Braziliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Hulian Kuinýones (Meksika)



## Dünýä Kubogy 2026 – «B» toparça

**KATAR — ŞWEÝSARIÝA: 1-1**

**KATAR (4–2–3–1):** Abunada — Al-Oui (Fathi 60), Miguel, Huhi (k), Ahmed — Gaber (Budiaf 60), Laýe — Junior (Al-Haýdos 88), Madibo (Manai 79), Afif — Abdurisag (Alaaeldin 60); ***Tälimçi:*** Hulen Lopetegi

**ŞWEÝSARIÝA (4–3–3):** Kobel — Zakariýa, Akanži, Elwedi, R. Rodriges (Miro Muhaým 89) — Ebişer (Rider 66), Džaka (k), Froýler (Jaşari 89), Ndoýe (Manzambi 66) — Embolo, Wargas (Amduni 79); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin

**GOL:** Muhaým 90+4 (ö.d.) – Embolo 17 (p)

**SARY KART:** Abunada, Gaber –Zakariýa

**STADION:** Levi's Stadium (San Fransisko)

**TOMAŞAÇY:** 67 966

**EMIN:** Said Martines (Gonduras)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Mahmud Abunada (Katar)



## Dünýä Kubogy 2026 – «C» toparça

**BRAZILIÝA — MAROKKO: 1–1**

**BRAZILIÝA (4–4–2):** Alisson — Ibanýes (Danilo 46), Markinios (k), Gabriel, Duglas Santos — Paketa (Mateus Kunýa 61), Kazemiro (Fabinio 46), Bruno Gimaraýns (Danilo Santos 80), Winisius Junior — Igor Tiago (Luiz Henrike 61), Rafinýa; ***Tälimçi:*** Karlo Ançelotti

**MAROKKO (4–2–3–1):** Bunu — Hakimi (k), Issa Diop, Riad, Mazraui (Salah-Eddin 80) — El Aýnaui, Buaddi — Brahim Diaz (El Murabet 64), Unahi (Talbi 64), El Hannuss (Amaimuni 80) — Saibari (Sufian Rahimi 89); ***Tälimçi:*** Mohamed Uahbi

**GOL:** Winisius Junior 32 — Ismael Saibari 21

**SARY KART:** Ibanýes, Kazemiro

**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)

**TOMAŞAÇY:** 80 663

**EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Winisius Junior (Braziliýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «D» toparça

**ABŞ — PARAGWAÝ: 4–1**

**ABŞ (4–2–3–1):** Friz — Friman, Riçards, Rim (k), Robinson — Adams, Tillman (Reýna 82) — Dest (Pepi 72), MakKenni, Pulişiç (Berhalter 46) — Balogun (Timoti Wea 72); ***Tälimçi:*** Maurisio Poçettino

**PARAGWAÝ (4–4–2):** Hill — Kasares (Welaskes 79), Gustawo Gomes (k), Alderete, Alonso — Gomes (Sosa 79), Kubas, Bobadilýa (Maurisio 46), Almiron (Kaku 79) — Sanabria (Arse 62), Ensisko; ***Tälimçi:*** Gustawo Alfaro

**GOL:** Bobadilýa 7 (ö.d.), Florin Balogun 31, 45+5, Reýna 90+8 — Maurisio 73

**SARY KART:** Adams – Kaseres, Alonso, Gomes, Almiron, Arse

**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)

**TOMAŞAÇY:** 70 492

**EMIN:** Danni Makkelie (Niderlandlar)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Folarin Balogun (ABŞ)



## Dünýä Kubogy 2026 – «E» toparça

**GERMANIÝA — KÝURASAO: 7–1**

**GERMANIÝA (3–4–3):** Noýer — Kimmih (k) (Anton 83), Ta (Rüdiger 72), Şlotterbek — Nmeça (Goretsa 72), Musiala (Undaw 64), Pawlowiç, Brawn (Raum 72) — Sane, Hawerts, Wirts; ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann

**KÝURASAO (4–3–3):** Rom — Floranus, Bazur, Obispo, Fonwill — Leandro Bakuna (k), Komenensiýa, Tahit Çong (Kastaneer 82) — Hansen (Antonissa 46), Lokadiýa (Margarita 65), Juninio Bakuna; ***Tälimçi:*** Dik Adwokat

**GOL:** Nmeça 6, Şlotterbek 38, Hawerts 45+5 p, 88, Musiala 47, Brawn 68, Undaw 78 — Komenensiýa 21

**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)

**TOMAŞAÇY:** 68 021

**EMIN:** Jalal Jaýed (Müsür)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kai Hawerts (Germaniýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «F» toparça

**NIDERLANDLAR – ÝAPONIÝA: 2-2**

**NIDERLANDLAR (4-3-3):** Werbruggen —– Dumfris, Wan Heke, Wan Deýk (k), Wan de Wen – De Ýong, Grawenberh (Ake 81), Reýnders (Koopmaýners 70) – Sammerwill (Depaý 70), Malen (K. Timber 70), Gakpo (Brobbi 85); Ronald Kuman

**ÝAPONIÝA (3-4-3):** Suzuki – Watanabe (Sugawara 75), Taniguçi, Hiroki Ito – Doan (k) (Sugawara 75), Sano, Kamada, Nakamuro – Kubo (Ogawa 75), Ueda (Şiogai 84), Maeda (Ýunýa Ito 66); Tälimçi: Hažime Moriýasu

**GOL:** Wan Deýk 50, Sammerwill 64 – Nakamura 57, Kamada 88

**SARY KART:** Wan de Wen, Sammerwill, Depaý

**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)

**TOMAŞAÇY:** 69 285

**EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Wirgil Wan Deýk (Niderlandlar)



## Dünýä Kubogy 2026 – «G» toparça

**BELGIÝA — MÜSÜR: 1–1**

**BELGIÝA (4–2–3–1):** Kurtua — Mýonýe, Ngoý, Mehele, Kastanýe (De Kuýper 56) — Onana (Raskin 56), Tilemans (k) — Trossard, Kewin de Bruýne (Wanaken 86), Doku (Fernandes-Pardo 86) — De Ketelare (Lukaku 66); ***Tälimçi:*** Rudi Garsiýa

**MÜSÜR (4–2–3–1):** Şobeir — Hani, Ibrahim, Fathi (Hafez 88), Fatuh (Adel 88) — Attia, Laşin — Ziko (Zizo 76), Salah (k) (Abdelkarim 76), Aşur (Rabia 71) — Marmuş; ***Tälimçi:*** Hossam Hassan

**GOL:** Hani 66 (ö.d.) — Aşur 19

**SARY KART:** Kastanýe, De Kuýper — Fatuh, Attia

**STADION:** Lumen Field (Sietl)

**TOMAŞAÇY:** 66 775

**EMIN:** Ramon Abatti (Braziliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Emam Aşur (Müsür)



## Dünýä Kubogy 2026 – «H» toparça

**ISPANIÝA — KABO WERDE: 0–0**

**ISPANIÝA (4–3–3):** Simon — Llorente, Kubarsi, Laport, Kukurelýa — Rodri (k) (Niko Williams 87), Pedri, Fabian Ruiz (Mikel Merino 71) — Ferran Torres (Dani Olmo 81), Mikel Oýarzabal, Gawi (Lamin Ýamal 71); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuenta

**KABO WERDE (4–3–3):** Wozinýa — Morerira, Lopes, Dineý, Lopes Kabral (Žoao Paulo 76) — Pina, Laros Duarte (Deroý Duarte 61), Monteiro (Arkanýo 79) — Raýan Mendes (k), Liwramento (Semedo 61), Jowane Kabral (Da Kosta 61); ***Tälimçi:*** Bubista

**SARY KART:** Pedri — Lopes Kabral

**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)

**TOMAŞAÇY:** 67 640

**EMIN:** Adham Mahadmeh (Iordaniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Wozinýa (Kabo Werde)



**Sabyrsyzlyk bilen garaşylan 23-nji FIFA Dünýä Kubogyna geçen hepdäniň dowamynda badalga berlip, toparçadaky 1-nji duşuşyklar tamamlandy. Bir hepde dowam eden oýunlarda uly hasaply ýeňişlerem, garaşylmadyk netijelerem, şol sanda ilkinji utuklar, ilkinji gollar bellige alyndy. Diňe 1 oýunda gol sesi eşidilmän, 8 duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady.**

### Ahyry ýeňiş gazandy

● Çempionatyň açylyş duşuşygy «A» toparçada ýer eýesi Meksika bilen Günorta Afrikanyň ýygyndylarynyň arasynda geçirildi. Hem Peläniň, hem-de Maradonanyň Dünýä Kubogyny asmana göteren stadiony Estadio Azteca-da oýnalan bu oýunda Meksika 2–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Meksikanlaryň gollaryny 9-njy minutda Hulian Kuinýones bilen 67-nji minutda Raul Himenes geçirdi. Kuinýones çempionatyň ilkinji goluny geçirip, adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrdy. Meksikanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň taryhynda 8-nji gezek açylyş duşuşygynda oýnap, şolaryň 5-sinde utulyp, soňky 2-sinde deňme-deň oýnapdy we ahyrynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Braziliýaly emin Wilton Sampaio duşuşykda 3 futbolça (2-si Günorta Afrikadan, 1-i Meksikadan) gyzyl kart görkezdi. Dünýä Kubogynyň taryhynda açylyş duşuşygynda ilkinji gezek 3 gyzyl kart, şol sanda 1 topardan 2 futbolça gyzyl kart görkezildi.

Toparçadaky beýleki oýunda Koreýa Respublikasynyň ýygyndysy garşydaşy Çehiýanyň öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy.

«B» toparçadaky 2 duşuşyk hem 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Kanadanyň ýygyndysy Toronto şäherinde Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy bilen deňme-deň oýnap, 3-nji synanyşygynda çempionatyň taryhyndaky ilkinji utugyny gazandy. Edil şonuň ýaly, soňky minutlarda awtogol bilen hasaby deňlän Kataryň ýygyndysy hem Dünýä Kubogynda ilkinji gezek utuk almagy başardy.

«C» toparçada çempionlygyň dalaşgärlerinden Braziliýanyň ýygyndysy Marokkonyň ýygyndysy bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Şotlandiýa bolsa 52 ýyldan soň çempionata gatnaşýan Gaitiniň ýygyndysynyň ýyldyz oýunçysy MakGinniň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy.

«D» toparçada ýer eýeleri ABŞ-nyň ýygyndysy Paragwaýyň milli toparyny Bobadilýanyň (ö.d.), Balogunyň (2) hem-de Reýnanyň gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňdi. ABŞ ilkinji Dünýä Kubogynda hem Paragwaýy Bertrand Patenaudeniň het-trigi esasynda 3 gol aratapawut bilen ýeňipdi (3–0). Türkiýäniň ýygyndysy Awstraliýanyň milli toparyndan garaşylmadyk ýagdaýda 2–0 hasabynda asgyn geldi.

### Dünýä Kubogynyň iň köp gol geçiren topary

● «E» toparçada Germaniýanyň ýygyndysy Hýustondaky NRG Stadium-da debýutant Kýurasaonyň ýygyndysyny 7–1 hasabynda utdy. Duşuşykda Kai Hawerts 2 gezek tapawutlanyp, Germaniýanyň ýygyndysy DK-niň taryhynda 4-nji gezek bir duşuşykda 7 we ondan köp gol geçirdi. Şeýle-de, Germaniýanyň ýygyndysynyň Dünýä Kubogynyň çäginde geçiren gollarynyň sany 239-a ýetip, 238 golly Braziliýadan öňe saýlandy. Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy Amad Diallonyň 90-njy minutda geçiren goly bilen Ekwadory 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

### Eýýäm 1 tälimçi ugradyldy

● «F» toparçada Niderlandlar bilen Ýaponiýanyň ýygyndylary duşuşyp, Ýewropanyň wekili 2 gezek öňe geçse-de, oýnuň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 2 minut galanda, ýeňşi elden giderdi (Wan Deýk 50, Sammerwill 64 — Nakamura 57, Kamada 88).

Toparçadaky beýleki oýunda Şwesiýanyň ýygyndysy Monterreý şäherinde Tunisiň ýygyndysyny 5–1 hasabynda ýeňmegiň hötdesinden geldi. Duşuşykda asly tunisli Ýasin Aýari şwedleriň 1-nji hem-de 5-nji gollaryny geçirdi. Şol sanda ýyldyz oýunçy Isak duşuşygy 1 gol, 2 asist bilen tamamlady. Bu duşuşykdan soň Tunisiň tälimçisi Sabri Lamuşi wezipesinden boşadylyp, ornuna fransiýaly Erwe Renar tälimçilige bellendi. Ol 2018-nji ýylda Marokko, 2022-nji ýylda-da Saud Arabystanynyň ýygyndysy bilen Dünýä Kubogyna gatnaşypdy. Şeýle-de, Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek 1 tälimçi birinji oýundan soň wezipesinden boşadyldy.

«G» toparçadaky 2 oýun hem deňlikde tamamlanyp, Belgiýa bilen Müsüriň ýygyndylary 1–1, Eýran bilenem Täze Zelandiýanyň ýygyndylary 2–2 hasabynda deňme-deň oýnadylar. Ilkinji gezek 1934-nji ýylda Dünýä Kubogyna gatnaşan Müsüriň ýygyndysy çempionatyň taryhyndaky 1-nji ýeňşine golaýlasa-da, olara üstünligini saklamak başartmady.

### Ispanlara 40 ýaşly derwezeçini geçmek başartmady

● «H» toparçada çempionlygyň iň esasy dalaşgäri hökmünde Demirgazyk Amerika gelen Ispaniýanyň ýygyndysyna debýutant topar Kabo Werdeniň 40 ýaşly derwezeçisi Wozinýany geçmek başartmady. 7 seýf bilen Kabo Werdeniň ilkinji utugyny gazanmagynda esasy roly oýnan Wozinýa duşuşykdan soň tutuş dünýäniň üns merkezindäki şahsyýetleriň birine öwrüldi. Onuň «instagram»-daky yzarlaýjylarynyň sany 50 müňden 11 milliona ýetdi.

Saud Arabystanynyň ýygyndysy Urugwaý bilen duşuşyp, 80-nji minutda ýeňşi elden giderdi.

Ýeri gelende bellesek, 15-nji iýunda oýnalan 4 duşuşygyň hem deňme-deň tamamlanmagy aýratyn ünsi çekdi we 1958-nji ýyldan bäri şeýle statistika ilkinji gezek hasaba alyndy.

«I» toparçada Fransiýanyň ýygyndysy 2002-nji ýyldaky açylyş duşuşygynda utulan garşydaşy Senegaly Mbappeniň 2 hem-de Barkolanyň gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Mbappeniň milli topardaky gollarynyň sany 58-e ýetip, ol Oliwie Žirunyň rekordyny täzeledi. Şeýle-de, Mbappe Dünýä Kubogynyň çäginde 13-14-nji gollaryny geçirdi.

28 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşýan Norwegiýanyň ýygyndysy soňky sapar 1986-njy ýylda futbolyň iň uly baýramçylygyna wekilçilik eden Yragyň ýygyndysyny 4–1 hasabynda utdy. Norwegiýanyň gollarynyň 2-sini Erling Holann, beýlekileri-de Estigor bilen Hussein (ö.d.) derwezä girizdi. Yragyň ýeke-täk goluny norwegleriň 4-nji golunyň eýesi Hussein öz adyna ýazdyrdy. Duşuşykda Norwegiýanyň düzüminde Erling Holann, Aleksander Sörlot hem-de Kristian Torswedt meýdança çykdy. Mundan 32 ýyl ozal ABŞ-da geçen çempionatda olaryň kakalary (Alf-Inge Holann, Goran Sörlot hem-de Erik Torswedt) hem Dünýä Kubogynda oýnapdy. Şeýle täsin waka Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek bellige alyndy.

*Dowamy 8-nji sahypada.*



## Dünýä Kubogy 2026 – «A» toparça

**KOREÝA RESPUBLIKASY — ÇEHIÝA: 2–1**

**KOREÝA RESPUBLIKASY (3–4–3):** Kim Singýu — Li Han Bom, Kim Min Že, Li Gi Hýok — Sol Ýon U, Hwan In Bom (Kim Žin Gýu 84), Pak Syn Ho (Pak Žin Sop 84), Li The Sok (Om Žin Son 69) — Li Kan In, Son Hyn Min (k) (Hýon Gýu O 69), Li Že Son (Hwan Hi Çhan 62); ***Tälimçi:*** Hýon Bon Mo

**ÇEHIÝA (5–2–3):** Kowarž — Halupek, Hranaç, Kreýçiý (k), Kufal, Zeleni — Souçek, Prowod (Sadilek 63), Soýka (Hitil 84) — Şik (Horyý 63), Şuls (Hložek 63); ***Tälimçi:*** Miroslaw Koubek

**GOL:** Hwan In Bom 67, Hýon Gýu O 80 – Kireýçiý 59

**SARY KART:** Li Gi Hýok

**STADION:** Estadio Akron (Guadalahara)

**TOMAŞAÇY:** 44 985

**EMIN:** Amin Mohamed Omar (Müsür)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Hwan In Bom (Günorta Koreýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «B» toparça

**KANADA — BOSNIÝA WE GERSEGOWINA: 1–1**

**KANADA (4-4-2):** Krepo — Jonston, Luk de Fužerol, Kornelius, Lareýa — Býukenen (Şaffelburg 61), Euştakiu (k) (Osorio 90+1), Ismael Kone, Milar (Ali Ahmed 61) — Jonatan Dewid (Dewid 61), Oluwaseýi (Larin 76); ***Tälimçi:*** Jessi Marş

**BOSNIÝA WE GERSEGOWINA (4-4-2):** Wasiliý – Dediç, Katiç, Muharemowiç, Kolaşinas (k) (Burniç 83) – Baýraktarewiç (Şunýiç 74), Başiç, Tahirowiç, Memiç (Alaýbegowiç 74) – Demirowiç, Lukiç (Baždar 62); ***Tälimçi:*** Sergeý Barbares

**GOL:** Larin 78 — Lukçi 21

**SARY KART:** Jonston, Luk de Fužerol – Katiç, Demirowiç, Lukiç

**STADION:** BMO Field (Toronto)

**TOMAŞAÇY:** 43 002

**EMIN:** Fakundo Telýo (Argentina)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ismael Kone (Kanada)



## Dünýä Kubogy 2026 – «C» toparça

**GAITI — ŞOTLANDIÝA: 0–1**

**GAITI (4–4–2):** Plasid (k) — Arkus, Ade, Delkroks, Eksperiens — Didson (Kasimir 61), Žan Žak, Bellegard, Prowidens (Fortun 85) — Pierro, Isidor (Žosef 75); ***Tälimçi:*** Sebastien Minýe

**ŞOTLANDIÝA (4–4–2):** Gann — Hiki (Patterson 75), Hanli, Hendri, Robertson (k) — Gannon-Doak (Kristi 75), MakTomineý, Ferguson, Jon MakGinn (MakLin 82) — Şankland (Kurtis 82), Çe Adams (Daýkes 75); ***Tälimçi:*** Stiw Klark

**GOL:** Jon MakGinn 28

**SARY KART:** Bellegard — Haýki, MakLin, Kurtis

**STADION:** Gilette Stadium (Boston)

**TOMAŞAÇY:** 64 146

**EMIN:** Mustafa Gorbal (Alžir)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jon MakGinn (Şotlandiýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «D» toparça

**AWSTRALIÝA — TÜRKIÝE: 2–0**

**AWSTRALIÝA (5–4–1):** Biç — Sirkati, Suttar (k), Burgess, Italiano (Geriýa 74), Bos (Behiç 83) – Metkalf, Okon-Engstler (Irwin 83), O'Neill, Irankunda (Welupilleý 61) — Mohamed Ture (Ýengi 74); ***Tälimçi:*** Toni Popowiç

**TÜRKIÝE (4–2–3–1):** Çakyr — Çelik (Müldür 80), Demiral, Bardakçy, Kadyoglu — Çalhanoglu (k), Ýüksek (Özjan 80) — Arda Güler, Kökçü (Akgün 62), Baryş Ýylmaz (Ýyldyz 46) — Aktürkoglu (Deniz Gül 85); ***Tälimçi:*** Winçenzo Montella

**GOL:** Irankunda 27, Metkalf 75

**SARY KART:** Ýunus Akgün

**STADION:** BC Place (Wankuwer)

**TOMAŞAÇY:** 52 497

**EMIN:** Hesus Walensuela (Wenesuela)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Nestori Irankunda (Awstraliýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «E» toparça

**KOT-D'IWUAR — EKWADOR: 1–0**

**KOT-D'IWUAR (4–4–2):** Fofana — Due (Kossunu 89), Singo, Agbadu, Konan — Diomande, Kessi (k), S. Fofana (Sangare 77), B. Ture (Bonni 56) — N. Pepe (Olai 77), Wahi (Amad Diallo 56); ***Tälimçi:*** Emerse Fae

**EKWADOR (4–4–2):** Halindes — Franko (Presiado 62), Ordonýes, W. Paço, Hinkapie — Ýeboa (Porozo 62), Kaisedo, Wite, Minda (Anhulo 56) — Plata, E. Walensiýa (k) (Rodriges 77); ***Tälimçi:*** Sebastian Bekkasese

**GOL:** Amad Diallo 90

**SARY KART:** Due, Kessi, Seko Fofana – Porozo

**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)

**TOMAŞAÇY:** 68 274

**EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ýan Diomande (Kot-d'Iwuar)



## Dünýä Kubogy 2026 – «F» toparça

**ŞWESIÝA — TUNIS: 5–1**

**ŞWESIÝA (3–4–1–2):** Nordfeld — Lagerbielke, Hýen, Lindelöf (k) — Bernhardsson (Swensson 90+1), Karlström (Swanberg 84), Aýari, Gudmundsson (Stroud 65) — Nygren (Bergwall 65) — Gýokeres, Isak (Elanga 90+1); ***Tälimçi:*** Grem Potter

**TUNIS (5–3–2):** Şamah — Rekik, Talbi, Ben Hamida, Waleri (Mahmud 72), Ali Abdi — Kedira (Garbi 84), Shri (k) (Tunekti 72), Mejbri — Saad (Açuri 72), Ben Slimane (Çauat 84); ***Tälimçi:*** Sabri Lamuşi

**GOL:** Ýasin Aýari 7, 90+6, Aleksander Isak 30, Gýokeres 59, Swanberg 84 — Rekik 43

**SARY KART:** Kedira

**STADION:** Estadio BBVA (Monterreý)

**TOMAŞAÇY:** 50 987

**EMIN:** Ýael Falkon (Argentina)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Aleksander Isak (Şwesiýa)



## Dünýä Kubogy 2026 – «G» toparça

**EÝRAN — TÄZE ZELANDIÝA: 2–2**

**EÝRAN (4–3–3):** Beiranwand — Rezaeian, Halilzadeh, Nemati, Mohammadi — Goddos (Hajsafi 65), Ezotalahi, Taremi (k) (Hosseinzadeh 80) — Mohebi, Moghanlu (Alipur 53), Ýusefi (Gaýedi 45); ***Tälimçi:*** Amir Galenoei

**TÄZE ZELANDIÝA (4–4–2):** Krokomb — Peýn (Elliot 78), Surman, Boksall, Kakaçe (Ben Old 68) — Sinh (Bindon 90+2), Bell, Ştamenik (Rendall 90+2), Jast — Kris Wud (k), MakKowatt (Tomas 68); ***Tälimçi:*** Darren Bezeli

**GOL:** Rezaeian 32, Mohebi 64 – Eliýa Jast 7, 54

**SARY KART:** Hajsafi

**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)

**TOMAŞAÇY:** 70 108

**EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Braziliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ramin Rezaeian (Eýran)



## Dünýä Kubogy 2026 – «H» toparça

**SAUD ARABYSTANY — URUGWAÝ: 1–1**

**SAUD ARABYSTANY (4–4–2):** Al-Owais — Abdulhamid (Lajami 90+3), Al-Tambakti, Al-Amri, Al-Harbi (Al-Hejji 90+3) — Al-Şamat (Buşal 81), Kanno, Al-Haibari, S. Al-Dawsari (k) — Al-Buraikan (Al-Hamdan 90+3), Al-Juwaýr (N. Al-Dawsari 63); ***Tälimçi:*** Georgios Donis

**URUGWAÝ (4–4–2):** Muslera — Warela, Kaseres, Oliwera, Winýa (Kanobbio 45) — Walwerde (k), Ugarte (De la Kruz 72), Bentankur, Maksi Arauho (Rodrıges 81) — Winýas (Agirre 90), Nunýes (Sanabriýa 45); ***Tälimçi:*** Marselo Bielsa

**GOL:** Al-Amri 41 — Maksi Arauho 80

**SARY KART:** Al-Amri

**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami Gardens)

**TOMAŞAÇY:** 62 764

**EMIN:** Maurizio Mariani (Italiýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Federiko Walwerde (Urugwaý)

# MESSI HET-TRIK BILEN BAŞLADY

«J» toparçada soňky çempion Argentinanyň ýygyndysy Alžiri Lionel Messiniň 17-nji, 60-njy hem-de 76-njy minutlarda geçiren gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Bu duşuşyk Lionel Messi üçin birnäçe täze rekordlary ýüze çykardy. Ol 38 ýaş 357 gün bilen DK-de het-trik eden iň ýaşuly futbolçy rekordyny Kristiano Ronaldodan almagy başardy. Milli topardaky 200-nji duşuşygynda 120-nji goluny geçiren Messiniň Dünýä Kubogyndaky gollarynyň sany 16-a ýetip, ol Miroslaw Klozeniň rekordyna şärik boldy. Messi 6 Dünýä Kubogynda meýdança çykan ilkinji futbolçy bolup, 27 duşuşyk bilen öz rekordyny ösdürdi. Messi 5 Dünýä Kubogynda gol geçiren 2-nji futbolçy bolmagy başardy.

Toparçadaky Awstriýa bilen Iordaniýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda Ýewropanyň wekilleri 3–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 28 ýyldan soň gatnaşan ýaryşyna ynamly başlady.

«K» toparçada Portugaliýanyň ýygyndysy hem goňşusy Ispaniýanyň ýygyndysy ýaly deňlik bilen başlady. Ronaldo we ýoldaşlaryna 52 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşýan Kongo DR-niň ýygyndysyny öňe geçen oýnunda ýeňmek başartmady. Žoao Neweş 6-njy minutda hasaby açsa, Ýoane Wissa 45+5-nji minutda hasaby deňledi. 1-nji oýnuny şowsuz tamamlan



Ronaldo Dünýä Kubogynda derwezeçileri hasaba almanyňda meýdança çykan iň ýaşuly futbolçy rekordynyň eýesi boldy.

Toparçadaky beýleki oýunda debýutant Özbegistanyň ýygyndysy Kolumbiýanyň milli toparyndan 3–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda Kolumbiýanyň gollaryny 40-njy minutda Daniel Munýos, 65-nji minutda Luis Diaz, 90+9-njy minutda-da Haminton Kampas geçirdi. Özbegistanyň ýygyndysynyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny bolsa 60-njy minutda Abbosbek Faýzullaýew öz adyna ýazdyrdy.

«L» toparçada çempionlygyň başga bir dalaşgäri Angliýa bilen Horwatiýanyň ýygyndylary duşuşyp, iňlisler 4–2 hasabynda ýeňiş gazanm agy başardy. Iňlisleriň gollarynyň 2-sini Harri Keýn geçirip, onuň milli topardaky pökgüleriniň sany 80-e ýetdi. Angliýanyň beýleki 2 goluny Bellingam bilen Reşford öz atlaryna ýazdyrdylar. Horwatiýanyň adyndan bolsa Baturina bilen Musa tapawutlandy.

Gana bilen Panamanyň arasyndaky oýunda ýeňiji 90-njy minutdan soň kesgitlenip, afrikalylar ýarymgoragçy Kaleb Ýirenkiniň 90+5-nji minutda geçiren goly esasynda ýeňşini baýram etdi.











### Dünýä Kubogy 2026 – «I» toparça

**YRAK — NORWEGIÝA: 1–4**

**YRAK (4-4-2):** Hassan (k) — Ali (Sadun 73), Tahsin, Haşim, Doski — Baýeş (Mohanad Ali 78), Ismail, (Farji 59), Al-Ammari, Ali Jasim (Kasem 73) — Hussein, Al-Hamadi (Ikbal 59); ***Tälimçi:*** Grem Arnold

**NORWEGIÝA (4-3-3):** Nylann — Riýerson, Aýer, Heggem, Möller Wolfe (Estigor 73) — Berge, Edegor (k) (Berg 81), Eursnes (Torswedt 73), Sörlot (Şelderup 73) — Holann, Antonio Nusa (Oskar Bobb 73); ***Tälimçi:*** Stal Solbakken

**GOL:** Hussein 39 – Holann 29, 43, Estigor 76, Hussein 90+6 (ö.d.)
**SARY KART:** Tahsin
**STADION:** Gilette Stadium (Boston)
**TOMAŞAÇY:** 63 106
**EMIN:** Pier Atço (Gabon)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Erling Holann (Norwegiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «I» toparça

**FRANSIÝA — SENEGAL: 3–1**

**FRANSIÝA (4–2–3–1):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba, Teo Hernandes — Tçuameni, Rabio — Olise, Dembele (Barkola 80), Due (Şerki 87) — Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**SENEGAL (4–3–3):** Mendi — Diatta, Kulibali (k), Niakhate, El-Hadži Diuf — Kamara (Diarra 75), Idris Geýe (Pate Siss), Pape Geýe (Iliman Ndiaýe 83) — Ismaila Sarr (Ibrahim Mbaýe 75), Nikolas Jekson (Dieng 83), Sadio Mane; ***Tälimçi:*** Pape Tiaw

**GOL:** Mbappe 66, 90+6, Barkola 82 — Mbaýe 90+5
**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)
**TOMAŞAÇY:** 80 545
**EMIN:** Alireza Fagani (Awstraliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «J» toparça

**ARGENTINA — ALŽIR: 3–0**

**ARGENTINA (4–3–3):** Martines — Montiel (Molina 46), Romero (Otamendi 80), Lisandro Martines, Medina — De Pol, Mak Allister, Enzo Fernandes — Lionel Messi (k) (Niko Paz 80), Lautara Martines (Alwares 55), Almada (Niko Gonzales 55); ***Tälimçi:*** Lionel Skaloni

**ALŽIR (4–3–3):** Luka Zidan — Belhali, Mandi (k), Bensebaini, Ait-Nuri — Budaui (Auar 64), Bentaleb (Zerruki 82), Maza (Bulbina 82) — Hadž Mussa (Amura 64), Guiri (Riýad Mahrez 64), Çaibi; ***Tälimçi:*** Wladimir Petkowiç

**GOL:** Lionel Messi 17, 60, 76
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 69 045
**EMIN:** Şimon Marçiniak (Polşa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)

### Dünýä Kubogy 2026 – «J» toparça

**AWSTRIÝA — IORDANIÝA: 3–1**

**AWSTRIÝA (4–2–3–1):** Şlager — Poş, Linhart, Alaba (k) (Danso 59), Mwene (Wanner 59) — Laimer, Seiwald — Şmid (Wimmer 83) — Ksawer Şlager (Çukwuemeka 59), Sabitser — Kalaýdžiç (Arnautowiç 46); ***Tälimçi:*** Ralf Rangnik

**IORDANIÝA (3–4–3):** Abulaila — Nasib (Al-Rosan 81), Abualnadi (Obaid), Al-Arab — Haddadi (k) (Al-Mardi 82), Al-Rawabdeh, Al-Raşdan, Abu Taha — Al-Taamari (Al-Dawud 88), Ali Olwan, Al-Fakhuri (Azaizeh 89); ***Tälimçi:*** Jamal Sellami

**GOL:** Şmid 20, Al-Arab 76 (ö.d.), Arnautowiç 90+12 (p) — Olwan 50
**SARY KART:** Sabitser
**STADION:** Levi's Stadium (San Fransisko)
**TOMAŞAÇY:** 68 527
**EMIN:** Dahane Beida (Mawritaniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ali Olwan (Iordaniýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «K» toparça

**PORTUGALIÝA — KONGO DR: 1–1**

**PORTUGALIÝA (4–2–3–1):** Diogo Koşta — Žoao Kanselo, Araužo, Weiga, Nunu Mendeş (Semedo 72) — Žoao Neweş, Witinýa (Gonslu Ramuş 83) — Bernardo Silwa (Konseýsau 46), Bruno Fernandeş, Pedro Neto (Rafael Leao 72) — Kristiano Ronaldo (k); ***Tälimçi:*** Roberton Martines

**KONGO DR (5–3–2):** Mpasi — Mbemba (k), Tuanzebe, Kapuadi, Wan-Bissaka (Kalulu 85), Masuaku (Kaýembe 74) — Mukau (Sadiki 57), Mutossami, Edo Kaýembe (Joris Kaýembe 74) — Bakambu (Banza 85), Ýoane Wissa; ***Tälimçi:*** Sebastien Desabr

**GOL:** Žoao Neweş 6 – Ýoane Wissa 45+5
**SARY KART:** Araužo, B. Silwa, Semedo – Mbemba
**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)
**TOMAŞAÇY:** 68 777
**EMIN:** Abdulrahman Al-Jassim (Katar)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Žoao Neweş (Portugaliýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «K» toparça

**ÖZBEGISTAN — KOLUMBIÝA: 1–3**

**ÖZBEGISTAN (3–4–3):** Ýusupow — Husanow, Abdullaýew, Aşurmatow (Urozow 77) — Karimow, Şukurow Mozgoýow, Nasrullaýew (Saýfiýew 46) — Faýzullaýew (Amonow 77), Şomurodow (Sergeýew 90+3), Urunow (Hamdamow 46); ***Tälimçi:*** Fabio Kannawaro

**KOLUMBIÝA (4–3–3):** Wargas — Munýos, Sançes, Lukumi, Mohika — Lerma, Puerta (Rios 80), Jon Arias (Kastanýo 90+3) — Hames Rodriges (k) (Kampaz 72), Luis Suares (Hernandes 80), Luis Diaz (Andres Gomes 90+3); ***Tälimçi:*** Nestor Lorenzo

**GOL:** Faýzullaýew 60 — Munýos 40, Luis Diaz 65, Kampas 90+9
**SARY KART:** Husanow — Mohika
**STADION:** Estadio Azteca (Mehiko Siti)
**TOMAŞAÇY:** 80 824
**EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Luis Diaz (Kolumbiýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «L» toparça

**ANGLIÝA — HORWATIÝA: 4–2**

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Ris Jeýms, Konsa, Jon Stounz (Mark Gehi 87), O'Raýli — Elliot Anderson, Raýs (Rojers 72) — Madueke (Saka 72), Bellingam (Spens 80), Gordon (Reşford 72) — Harri Keýn (k); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**HORWATIÝA (3–4–3):** Liwakowiç — Şutalo, Wuşkowiç (Matanowiç 66), Gwardiol — Stanişiç, Modriç (k) (Kowaçiç 58), Mario Paşaliç (Wlaşiç 78), Perişiç — Suçiç, Musa (Marko Paşaliç 66), Baturina (Kramariç 78) ; ***Tälimçi:*** Zlatko Daliç

**GOL:** Harri Keýn 12 p, 42, Jud Bellingam 47, Reşford 85 — Baturina 36, Musa 45+5
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 389
**EMIN:** Kleman Turpen (Fransiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Harri Keýn (Angliýa)

### Dünýä Kubogy 2026 – «L» toparça

**GANA — PANAMA: 1-0**

**GANA (4–3–3):** Ati-Zigi (Asare 46) — Senaýa, Adjeteý, Opoku, Mensah — Owusu (Sibo 78), Ýirenkýi, Sulemana (Fatawa 58) — Nuamah (Tomas-Asante 58), Jordan Aýew (k) (Kwabena Adu 87), Antuan Semenýo; ***Tälimçi:*** Karluş Keýroş

**PANAMA (3–4–3):** Moskuera – Ramoş, Kordoba, Andrade — Amir Murilýo, Harweý, Barsenas (k), Bläkmän (Godoý 90) — Martines (Fahardo 63), Woterman (Londonýo 63) — Hose Luis Rodriges (Ismael Diaz 74); ***Tälimçi:*** Tomas Kristiansen

**GOL:** Kaleb Ýirenkýi 90+5
**SARY KART:** Ýirenkýi – Harweý, Bläkmän
**STADION:** BMO Field (Toronto)
**TOMAŞAÇY:** 42 942
**EMIN:** Glenn Nyberg (Şwesiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Antuan Semenýo (Gana)


## TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

# Hormatly telekeçiler!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 27-nji awgustynda çykaran 2406 belgili «Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Kararyna laýyklykda ýeňillikli karzlardan peýdalanmaga çagyrýar.

**Telekeçilere karzlar şu aşakdaky tertipde hödürlenilýär:**

**1.** Milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillik döwri bolan 5 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar;

**2.** Taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillik döwri bolan 3 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karzlaşdyrylýar.

**Hormatly telekeçiler!** Bu karz hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-02-65**, (+993 12) **44-03-04**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.


## «Nýu Ýork Niks» 53, «Karolina Harrikeýnz» 20 ýyldan soň çempionlyk gazandy



Amerikanyň Milli Basketbol ligasy NBA-da çempion 5-nji duşuşykdan soň belli boldy. «Nýu Ýork Niks» topary taryhyndaky 3-nji çempionlygyny gazandy.

Final oýunlarynda «San Antonio Spars» bilen duşuşan «Nýu Ýork Niks» topary 5-nji duşuşygynda myhmançylykda 94:90 hasabynda ýeňiş gazandy. Diňe 3-nji duşuşykda 115:111 hasabynda asgyn gelen «Nýu Ýork Niks» galan 4 oýunda garşydaşyny ýeňdi. Esasan hem, 4-nji duşuşyk ýatdan çykmajak final oýunlarynyň biri boldy. 3-nji çärýekde 29 utuk yzda barýan «Nýu Ýork Niks» topary, öz meýdançasyndaky bu duşuşygyň, esasan hem, 4-nji çärýeginde has erjel oýun görkezip, 107:106 hasap bilen «San Antonio Spars» toparyny ýeňmegiň hötdesinden geldi.

Şeýlelikde, 5 oýnuň 4-sinde ýeňiş gazanyp, umumy hasapda 4:1 öňe geçen «Nýu Ýork Niks» taryhyndaky 3-nji çempionlygyny baýram etdi. «Nýu Ýork Niks» topary mundan öň 1970-nji we 1973-nji ýyllarda «Los Anjeles Leýkersi» ýeňip, NBA-nyň çempionlygyny gazanypdy.

«Nýu Ýork Niks» topary şol çempionlyklaryndan soň 1994-nji we 1999-njy ýyllarda, degişlilikde, «Hýuston Rokets» hem-de şu ýylky garşydaşy «San Antonio Sparsdan» ýeňlipdi. «Nýu Ýork Niks» topary NBA-da azyndan 3 çempionlyk gazanan 9-njy klub hökmünde hasaba alyndy.

53 ýyldan soň çempionlygyň gazanylmagyna saldamly goşant goşan Jeýlen Branson final duşuşyklarynyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.



Amerikanyň Milli Hokkeý ligasy NHL-de çempion, ýagny Stenli Kubogynyň eýesi belli boldy. Ýagny 6-njy duşuşykda «Karolina Harrikeýnz» topary taryhyndaky 2-nji çempionlygyny gazandy. «Wegas Golden Naýts» bilen duşuşan «Karolina Harrikeýnz» topary 1-nji duşuşykda öz meýdançasynda 5:4 hasabynda asgyn geldi. 2-nji duşuşykda goşmaça wagtda 4:3 üstün çykan karolinalylar 3-nji duşuşykda 5-4 hasabynda ýeňildi. 4-nji duşuşykda 5:3 hasabynda ýeňiş gazanan «Karolina Harrikeýnz» topary 5-nji duşuşykda-da garşydaşyny utmagy başardy (4:2). 6-njy oýun Las Wegasdaky «T-Mobile Arena»-da oýnalyp, jogapsyz 3 şaýba geçiren «Karolina Harrikeýnz» umumy hasapda 4:2 öňe saýlandy. Bu olaryň taryhyndaky 2-nji çempionlygy bolup, «Karolina Harrikeýnz» topary mundan 20 ýyl ozal, ýagny 2006-njy ýylda Stenli Kubogyny eýeläpdi. Bu olaryň 3-nji finaly bolup, 2002-nji ýylda çempionlygy «Detroit Red Wings» toparyna aldyrypdy. 2023-nji ýylda Stenli Kubogyny eýelän «Wegas Golden Naýts» 2018-nji ýyldan soň 2-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy.

Toparyň kanadaly hokkeýçisi Jordan Stal final oýunlarynyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

## «Realda» 2-nji Mourinio döwri

«Real Madrid» toparynda Florentino Pereziň ýaňadan klubuň prezidenti wezipesine saýlanmagyndan soň täze tälimçisi resmi ýagdaýda mälim edildi. Möwsümiň ahyrynda Perez portugaliýaly ussat tälimçi Žoze Mourinionyň topary türgenleşdirjekdigini habar beripdi. Şeýlelikde, «Real Madridde» 2-nji Žoze Mourinio döwri başlandy. 63 ýaşyndaky hünärmen madridliler bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Bu Mourinionyň ispan klubundaky 2-nji başdangeçirmesi bolar. Ol 2010-13-nji ýyllar aralygynda «Real Madride» 3 möwsüm tälimçilik edipdi. Şol döwürde «Real» 178 oýnuň 128-sinde ýeňiş gazandy, 22-sinde ýeňildi (28 deňlik). 71,91 göterimlik ýeňiş gazanan «Real Madrid» 475 gol geçirip, 168 gol geçirtdi. «Real» Mourinio bilen Ispaniýanyň çempionlygyny, Şa Kubogyny hem-de Ispaniýanyň Super Kubogyny gazanypdy.



Karýerasy boýunça «Benfika», «Uniao de Leiria», «Porto», «Çelsi», «Inter», «Mançester Ýunaýted», «Tottenham», «Roma» hem-de «Fenerbahçe» klublaryny türgenleşdiren Mourinio 3-nji gezek bir klubuň 2-nji sapar tälimçisi bolýar. Ýagny Mourinio mundan öň «Benfikany» hem-de «Çelsini» 2 dürli döwürde türgenleşdiripdi.

### «MILANYŇ» TÄZE TÄLIMÇISI BELLI BOLDY

Tamamlanan möwsümde soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Udinezeden» asgyn gelip, Çempionlar Ligasynyň daşynda galan Italiýanyň «Milan» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. Şol ýeňlişden soň Massimiliano Allegrini wezipesinden boşadan toparyň tälimçiligine portugaliýaly Ruben Amorim bellendi. «Milan» kluby 41 ýaşyndaky hünärmen bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Milan» kluby ýaş tälimçä ýyllyk 3,5 million ýewro, şol sanda çempionlyk üçin 1, Çempionlar Ligasyna gatnaşsa goşmaça 0,5 million ýewro hak tölär. Amorim «Kasa Pia», «Braga» hem-de «Sporting», «Mançester Ýunaýted» klublaryny türgenleşdirdi. Amorim «Milandaky» 3-nji portugaliýaly tälimçi bolup, 2024/25 möwsüminiň 1-nji ýarymynda Paulo Fonseka, 2-nji ýarymynda bolsa Seržio Konseýsau «Milany» türgenleşdiripdi.

